**B.BASAROW**
**Ýa.ANNAMYRADOWA**

# SOSIAL DERŇEWIŇ WE PSIHOLOGIK TÄSIRIŇ PSIHOLOGIÝASY

***Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy***

***Türkmenistanyň bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi***

**AŞGABAT - 2010**

**Professor B.Basarow, Ýa.Annamyradowa**
**Sosial derňewiň we psihologik täsir etmegiň psihologiýasy**
Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy.– A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010. 80 sah.

# GIRIŞ

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow döwlet başyna geçen gününden, döwletimiziň geljegi bolan ýaş nesle bilim-terbiýe bermeklik meselesine aýratyn üns berýär. 2007-nji ýylyň mart aýynyň 4-nde "Bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek" hakyndaky karara gol çekilmegi bilim ulgamynda alnyp barylýan okuw-terbiýeçilik işleriniň hilini ýokarlandyrmaga, mugallymlaryň terbiýeçilik işlerini netijeli guramaga esas döretdi.

"Sosial derňew we psihlogik täsir edişiň psihologiýasy" hünärmen psihologyň işiniň has täze bölümi. Gollanmada psihologiýa ylmynyň merkezi meseleleriniň biri bolan şahsyýetiň psihologik durmuşyna, onuň daşky gurşaw bilen aragatnasygynda özüni alyp barşyny ýola goýmakda psihologik täsir edişiň usullary barada ylmy-taglymaty düşünjeler, olaryň amalayýetde ulanylyş tilsimatlary dogrusynda giňişleýin maglumatlar berilýär.

Gollanmanyň esasy maksady psiholog-pedagogyň bilim ulgamynyň okuw terbiýeçilik, mekdebe çenli çagalar we ýetginjekler edaralarynda, şeýle hem önümçilik kärhanalarynyň dolandyryş ulgamynda işewür we şahsyýetara gatnaşyklary guramaga degişli bilim, hünär endiklerini öwretmekden ybaratdyr. Adamlaryň arasynda ýüze çykýan käbir dartgynly, çylşyrymly gatnaşyklaryň psihologik nukdaýdan täsir ediş ýagdaýlaryny öwrenmegi, olary ýeňip geçmekde laýyk gelýän sosial psihologik täsir usullaryny özleşdirmekde ähmiýetlidir. Häzirki zaman ylmyň we tehnikanyň, dürli habar beriş serişdeleriniň we kommunikatiw ulgamynyň güýçli ösýän döwründe adamlaryň özaragatnaşygynda täsir ediş ýagdaýlarynyň örän çylşyrymlaşýandygyny nazarda tutup, sosial psihologik derňew we täsir usullarynyň esaslaryny özleşdirmek talaba laýyk hasaplanýar. Şu nukdaýdan geljekgi psiholog hünärmanlere sosial psihologik derňewiň we täsiriň

usullarynyň taglymat we tejribelik esaslaryna degişli düşünjeleri öwretmek möhüm wezipe bolup durýar.

# Bap I. Sosial derňewiň we psihlogik täsir edişiň öwrenýän dersi we meseleleri

Sosial derňewiň usullar meselesi ähli ylymlar üçin ähmiýetli bolup, onuň ähmiýeti häzirki döwürde, ylmy-tehniki baglanyşykda ylmyň çözmeli meseleleriniň iňňän çylşyrymlaşýan döwründe has-da ýokarlanýar. Mundan başga-da jemgyýetde ylmy guramagyň täze formalary ýüze çykyp, uly derňew guramaçylyklary döredilýär. Bu guramaçylygyň içinde alymlar derňewiň bütewi strategiýasyny, kabul edilýän usullaryň bütewi ulgamyny döretmeli bolýarlar. Matematikanyň we kibernetikanyň ösmegi bilen dürli ugurlarda "eriş-argaç" ulanylýan predmetara usullar atlandyrylýan usullaryň aýratyn synpy ýüze çykýar. Bu zatlaryň hemmesi derňew alyp barýandan ýokary derejede gözýetiriş hereketlerine barlaglar etmegini, derňew amalyýetinde ulanýan serişdelerini derňemegi tabşyrýar. Häzirki zaman ylmynyň usullarynyň meseleler bilen güýçli gyzyklanýanlygyna filosofiýanyň içinde ylmy derňewiň logikasy we usulyýeti diýen ýörite şahanyň döremegi şaýatlyk edýär. Bu döwürde usulyýet meseleleriniň derňewi bilen diňe bir filosoflar meşgul bolman, eýsem anyk ylymlaryň wekilleri-de meşgul bolýarlar. Usulyýet refleksiniň aýratyn bir görnüşi – ylmyň içindäki usulyýet refleksiýasyny ýüze çykarýar.

Bu aýdylanlar sosial psihologiýada hem mahsus bolup, bu predmete degişlilikde aýratyn sebäpler ýüze çykýar: birinjiden, bu ylmyň tersin ýaşlygy, onuň gelip çykyşynyň we statusynyň çylşyrymlygynyň derňew işinde birbada iki ylmyň – psihologiýanyň we sosiologiýanyň usulyýet meselelerini ulanmak zerurlygyny döredýär. Bu sosial psihologiýadan özboluşly ýumuşy-iki dürli kanunlary bir-biri bilen baglanyşydyrmagy talap edýär: jemgyýetçilik ösüşiniň we adamyň psihikasynyň ösüşini. Ýagdaý üstesine-de sosial psihologiýanyň öz düşünjeler ulgamynyň ýoklugyny

çylşyrymlaşyp, iki dürli terminologiki sözlügi ulanmaga mejbur edýär. Sosial psihologiýanyň "ýaşlygy" derňew bazasynyň çäkliligi toplanan tejribäniň ujypsyzlygyny döredip, henize çenli doly aýan bolmadyk usulyýet meseleleri örboýuna galdyrdy.

Sosial psihologiýadaky usulyýet meseleleri barada anyk gürrüňe geçmezden ozal usulyýet düşünjesiniň mazmuny bilen tanyşmak zerurdyr. Häzirki zaman biliminde "akyl ýetirmäniň ylmy usuly hakyndaky taglymat" adalgasy bilen ylmy çemeleşmegiň üç sany dürli derejesi aňladylýar.

1. Umumy akyl ýetirmäniň ylmy usuly hakyndaky taglymaty – derňew alyp baryjy tarapyndan kabul edilen umumy çemeleşiş, akyl ýetirişiň umumy usuly. Ösüän sosial psihologiýa üçin bu – dialektiki we taryhy materializm. Umumy akyl ýetirmäniň ylmy usuly hakyndaky taglymaty birnäçe has umumy prinsipleri döredip, olar derňewde aňlanylan ýa-da aňlanylmadyk ýagdaýda ulanylýar. Meselem, sosial psihologiýa üçin jemgyýetçilik barlygyň we jemgyýetçilik aňynyň, jemgyyetiň özara gatnaşygy we ş.m. meselelere öz düşünişini beýan etmeli bolýar.

2. Bölekleýin /ýörite/ akyl ýetirmäniň ylmy usuly hakyndaky taglymat – bilimleriň şu çäginde ulanylýan akyl ýetirmäniň ylmy usuly hakynda taglymat meseleleriniň toplumy. Bölekleýin akyl ýetirmäniň ylmy usuly hakynda taglymat filosofiki meseleleriň derňewiň özboluşly obýektine laýyklykda ulanylyşydyr. Bu akyl ýetirişiň özboluşly, bilimler has dar daşky gurşawa uýgunlaşdyrylan usulydyr. Sosial psihologiýada onuň goşa gelip çykyşyna laýyklykda ýörite akyl ýetirmäniň ylmy usuly hakynda taglymaty özüniň meseleleriniň uýgunlaşdyrylan ýagdaýynda döreýär. Sözüň has giň manysynda filosofiki iş meselesi işi adamyň ýaşaýyş usulynyň manysyny aňladyp, ol has umumy mesele bolan şöhlenme meselesiniň amala aşyrylmagy bolýar; bu ýagdaýda aň şahsyýetiň işjeňligini göz öňünde tutýan şöhlenmäniň iň ýokary

formasy hökmünde seredilýär. Sosiologiýada iş adamzat jemgyýetiniň ýaşaýyş usuly, adamlaryň işiniň üsti bilen ýüze çykýan sosial kanunlarynyň amal a aşyrylyşy bolup durýar. Iş şahslaryň hem-de tutuş jemgyýetiň ýaşaýyş şertlerini döredýär we özgerdýär. Hut işiň üsti bilen şahsyýet jemgyýetçilik gatnaşyklaryň ulgamyna goşulýar. Psihologiýada iş adamyň işjeňliginiň özboluşly görnüşi hökmünde seredilip, ony adam subýekt – obýekt gatnaşyk ýagdaýynda bolup, obýekte belli bir gatnaşyk edip ony özleşdirýär. Şeýlelikde "täsirli derejesi özüniň hakyky dolulygynda ýüze çykyp, obýekt we subýekt goşulmalary doly öz içine alýan häsiýetde biziň öňümizde durýar". Iş meselelerinde predmet dünýäni özgerdip, öz höwesini amala aşyrýar. Bu prosesde adam bir topar isleglerini kanagatlandyryp, şol bir wagtyň özünde täze islegler döreýär. Şeýlelikde iş öz akymynda adamy ösdürýän proses hökmünde ýüze çykýar. Sosial psihologiýa özüniň ýörite akyl ýetirmäniň ylmy usuly hakyndaky taglymatynyň meselesi hökmünde iş meselellerini kabul edip, ony özüniň esasy predmeti bolan – topara uýgunlaşdyrýar. Şonuň üçin sosial psihologiýada iş meselesiniň manysy şu aşakdaky mazmunda ulanylýar (işi öz meselesinde düýpgöter aýratyn baglanyşyklar, (meselem, kommunikatiw) esasynda öwrenýär.

Bu ýerde agzalan ylmy derňewiň häsiýetleri sosial psihologiýada özboluşlygy bardyr. Ylmyň logikasynda we akyl ýetirmäniň ylmy usuly hakynda taglymatynda göz öňünde tutulýan ylmy derňewiň modeli adatça takyk predmetleriň ilkinji nobatda fizikanyň mysalynda guralýar. Şol sebäpli beýleki ylymlara mahsus bolan ylmy predmetiň häsiýetleri ýitirilýär. Meselem, sosial psihologiýada degişlilikde görkezilen sypatlaryň her biriniň özboluşlygyny ýörite nygtamaly bolýar.

Bu ýerde birinji ör boýuna galýan mesele – empiriki maglumatlaryň, gazanylmalaryň meseleleridir. Sosial psihologiýada maglumatlar indiwidleriň topardaky açyk özüni

alyp barşy, ýa-da bu indiwidleriň adynyň käbir häsiýetnamalary ýa-da toparyň özüniň psihologik häsiýetnamasy bolup durýar. Bu iki maglumatlary derňewe goşmalymy ýa-da dälmi diýen sowal boýunça sosial psihologiýada güýçli çekişme gidip, ol dürli nazary konsepsiýalarda dürli-dürli çözülýär. Meselem, bihewiorizmde maglumat hökmünde açyk özüňi alyp barşyň faktlary kabul edilýär; kogniktiwizm tersine diňe indiwidiň kognitiw dünýäsine üns berýär: obrazlar, gymmatlyklar, ustanowkalar we beýlekiler. Sosial psihologiýada maglumatlaryň iki görnüşinde kabul edilýär. Ýöne bu ýagdaý olary toplamagyň usullaryna belli bir talaplar goýýar. Sosial psihologiýada islendik maglumatyň çeşmesi adam bolup, ýöne usullaryň bir hatary onuň özüni alyp barşyna ýaramly bolup, beýlekisi onuň kognitiw hadysalaryny haraba alýar. Maglumatlaryň ikisiniň-de deň hukukly hasaplanylmagy derňewde köp sanly usullary ulanmak zerurlygyny ykrar etmegi talap edýär.

Ýokardaky meseleler bilen berk baglanyşykly mesele sosial psihologik derňewde maglumatlaryň hili meselesidir. Bu mesele başgaça ähtibar maglumat almak meselesi diýip aňladylyp bilner. Umumy häsiýetde maglumatlaryň hili meselesi, reprezentatiwlik meselesini üpjün etmegiň, şeýle hem alanan maglumatlaryň ähtibarlygyny barlamagyň hasabyna çözülýär. Sosial psihologiýada bu umumy meseleler özboluşly mazmuna eýe bolýar. Islendik tejribelik ýa-da korrelýasiýa derňewi bolsun, onda alnan maglumat belli bir talaplary kanagatlandyrmalydyr. Tejribelik däl derňewleriň özboluşlylygyny göz öňünde tutmak maglumatyň hiline bolýan talabyň peselmegine getirmeli däldir. Edil adam hakyndaky beýleki ylymlardaky ýaly sosial psihologiýa üçin maglumatyň hiliniň iki obýektiw we subýektiw parametrini ýüze çykarmak mümkin. Şeýle şertlilik bu predmetde maglumatyň çeşmesi adam bolup durýanlygy bilen ýüze çykýar.

Bu fakty göz öňünde tutmazlyk mümkin däldir. Şonuň üçin "subýektiw" diýlip atlandyrylýan parametrleriň ätibarlygyny mümkingadar üpjün etmäge çalyşmalydyr. Elbetde, anketa, interwýu sowallaryna jogaplara "subýektiw" maglumatydyr. Ýöne olary hem maksimal dolulykda, ähtibarlykda gazanmak ýa-da köp möhüm zatlary ünsden düşürmek mümkin. Şeýle ýalňyşyklaryň öňüni almak üçin maglumatlaryň ähtibarlygyna degişlilikde birnäçe talaplar girizilýär.

Maglumatlaryň ähtibarlygy ilki bilen maglumat toplanýan serişdeleriň ähtibarlygyny barlamak arkaly gazanylýar. Her bir ýagdaýda ähtibarlygyň keminden üç häsiýetnamasy üpjün edilýär: esaslandyrylmaklyk (walidlilik), durnuklylyk we takyklyk.

Enjamlaryň esaslandyrylmagy – onuň obýektde ölçemeli häsiýetleri ölçäp bilmek ukybydyr. Sosial psiholog derňewçi hökmünde haýsy-da bolsa bir şkalany gurup, şu şkalanyň hut şol häsiýetleri ölçeýändigine göz ýetirmelidir (meselem inwidiň gurnamagynyň). Enjamlaryň ätibarlygyny barlamagyň birnäçe usullary bardyr. Kähalatlarda tejribe-barlaglaryň, ýagny öwrenilýän meseleden oňat baş çykarýan adamlaryň kömegine ýüzlenmek mümkin. Öwrenilýän häsiýetiň şkalanyň kömegi bilen alnan netijelerini tejribe-barlaglaryň netijeleri gabatlaşmaklygy ulanylýan şkalanyň esaslandyrylanlygynyň subutnamasy bolýar. Deňeşdirmeklige esaslanan ýene-de bir usul – goşmaça interwýu geçirmek. Onda soraglaryň goýluşy öwrenilýän häsiýet dogrusynda goşmaça maglumat alar ýaly häsiýetde düzülmelidir. Bu ýerde hem netijeleriň gabat öwreniljekdigini takyk kesgitlemek örän mümkindir.

Reprezentatiwlik meselesi özüniň sosial psihologik tejribe barlaglardaky özboluşlygynda has gyzyklydyr. Oňa seretmäge geçmezden sosial psihologik derňewlerde ulanylýan usullaryň umumy häsiýetnamasy bilen tanyşmak möhümdir.

## Bap II. Sosial derňewiň we psihologik täsir ediş psihologiýasynyň usullarynyň toparlara bölünişi

Umumu psihologiýanyň esasy bölümleriniň öwreniliş ähmiýetinde şosial psihologik derňewiň we täsir ediş usullarynyň indiki toparlara bölünýär:

1. empiriki derňewleriň usullary;
2. modelirlemek usullary;
3. dolandyryş – terbiýe usullary:

Birinji topara şu bapda gürrüňi ediljek usullar girýär. Ikinji we üçünji topar barada aýdylanda bolsa olaryň sosial psihologiýada aýratyn bir özboluşlygy ýokdur. Hasaplaýyş usullary adatça özbaşdak topara bölünmeýär. A.L.Sweniskiniň adalatly belleýşi ýaly, bu usullaryň köpüsi hut sosial psihologiýada hiç hili özboluşlylyk döretmän, umumy ylmy usullary ulanýar. Bu pikir bilen ylalaşyp, şol bir wagtyň özünde sosial psihologiýanyň usullary hakyndaky düşünjäniň doly bolmaklygy üçin usullaryň bu toparynada ýatlap geçmek zerurdyr. Usullaryň birinji toparyna syn etme, resminamalar işlemek (kontent – derňewi), dürli sowallar (anketalar, interwýu), testleriň dürli görnüşleri (şol sanda has ýaýran sosimetrik testi), tejribe barlag (tejribelik we tebigy görnüşleri). Şertli ýagdaýda bu ýerde şkalalaryň dürli görnüşlerini guramaklygy-da görkezmek bolýar/ sebäbi şkalany derňew usuly hem-de hasaplaýyş serişdesi hökmünde seretmek mümkin.

Umumy kursyň başynda bu usullaryň her birini häsiýetlendirmeklige uly bir zerurlyk ýoklugy sebäpli olary sosial psihologiýanyň degişli meselelerine seredilende derňemeklik has ýerlikdir. Bu ýerde her bir usulyň umumy häsiýetnamasyny, olary ulanmakda ýüze çykýan kynçylyklary görkezmek zerurdyr.

Syn etme sosial psihologiýanyň “köne” usullarynyň biri bolup, ol kämil däl usul hökmünde tejribe-barlaga garşy goýulýar. Şeýlede bolsa sosial psihologiýada şu günki güne çenli syn etme usulynyň ähli mümkinçilikleri doly ulanylmaýar. Açyk özüňi alyp baryş, indiwidleriň hereketleri dogrusynda maglumat toplananda bu usul möhüm rol oýnaýar. Syn etme usuly ulanylanda ýüze çykýan esasy mesele – ol ýa-da beýleki häsiýetnamalar toplumy alnanda nähili ýol bilen olaryň beýanyny beýleki bir syn edijä düşnükli bolar ýaly, başga bir çaplamanyň nukdaýyndan düşündiriş berip bolar ýaly edip belläp almaly? Ýönekeýje aýdanyňda bu mesele nädip synlamaly, synlanan zady nädip bellemeli diýmekdir. Syn etmäniň maglumatlaryny ýygnarmagyň ýagny ilki başdan birnäçe synplary – meselem, şahsyýetleriň topardaky özara täsiri we yzysüre bu özara täsiriň sanyny, çaltlygyny we ş.m., ýüze çykarmagyň birnäçe usullary bardyr. Aşakda şeýle synanyşyklaryň. R.Beýls tarapyndan amala aşyrylan bir görnüşi bilen tanyşarys. Synlanýan hadysalaryň synplaryny ýüze çykarmak, bu syn etmäniň birligi bolup, ol psihologiýanyň beýleki bölümlerinde has wajyp meseleleriň biridir. Sosial psihologiýada bu meseleler her bir konkret ýagdaý üçin derňewiň predmetine çekişme akyl ýetirmäniň ylmy hakyndaky taglymat meseleriniň arasynda häzirki döwürde iň bir dargynly meseleleriň biridir. Sosial psihologiýada tejribe-barlagyň tebigy we laboratoriýa görnüşleri bardyr. Bularyň ikisine degişlilikde birnäçe umumy düzgünler bolup, olar barlaglar tarapyndan erkinlikde garaşsyz üýtgeýjileri girizmek, olara we garaşly üýtgeýjilere gözegçilik etmekden we ş.m. ybaratdyr. Şeýle umumy talaplara ölçegleriň netijesini belli bir etalon bilen deňeşdirer ýaly barlag we tejribe we barlaglar topar döretmek hem degişlidir. Bu umumy talaplar bilen bir hatarda laboratoriýa we tebigy tejribe-barlaglar öz hususy düzgünleri bilen tapawutlanýarlar. Sosial psihologiýada has çekişmeli

meseleleriň biri laboratoriýa tejribe-barlag ulanmak mümkinçiligi hakyndaky meseledir.

Häzirki zaman edebiýatynda bu babatda iki mesele öňe sürülýär: barlaglardan alnan maglumatlaryň ekologiki walidliligi ýa-da bu maglumatlary "real durmuşa" geçirmek mümkinçiligi, synp edilýänleriň ýörite saýlanyp alynýanlygy sebäpli bu maglumatlary real durmuşda ulanmaklygyň birataraplylygy meselesi. Has möhüm akyl ýetirmegiň ylmy hkyndaky taglymat meselesi hökmünde bu ýerde tejribelikde barlaglarlaryň jemgyýetçilik gatnaşyklaryny, Maslahat beriş psihologiýasynyň möhüm konteksti bolan "sosiallygy" ýoga çykarýarmy diýen sorag ýüze çykýar. Goýlan meseleleriň birinjisi dogrusynda dürli garaýyşlaryň birinji dogrusynda dürli garaýyşlar ýüze çykýar. Köp faktorlar tejribelikde barlaglaryň bu çäkliligi bilen ylalaşyp, ondan umuman ekologik walidliligi talap etmeli däl hasaplaýarlar, onuň netijelerini real durmuşa geçirmezden, barlaglar nazaryyetiniň aýry-aýry talaplaryny barlap, real ýagdaýlaryň derňewinde bu nazaryýetiň mazmuny esasynda düşündiriş bermeli diýip nygtaýarlar. Awtorlaryň başga bir topary, meselem, D.Kempbell, sosial psihologiýada kwazibarlag diýip atlandyrylýan barlaglaryň aýratyn synpyny ulanmaklygy teklip edýär. Bu pikir ýöretmeler hakykata golaý bolsalarda ýüze çykýan meseleleri doly çözmeýärler, sebäbi nazaryýeti barlamak hem real durmuşa golaý ýagdaýlarda amala aşyrmaly bolýar.

Başga bir çäklilik tejribelikde barlaglaryň reprezentiwlik meselesiniň özboluşly çözülişi bilen baglanyşyklydyr. Adatça barlag üçin reprezenttatiwligi berjaý etmek hökmany hasaplanmaýar; başgaça aýdanyňda netijäniň ulanyp boljak obýektleriniň synpy takyk hasaplanmaýar. Emma sosial psihologiýada bu mesele aýratyn häsiýetde bolýar. Tejribe şertlerinde synag edilýänleriň toparlaryny jemlemek, bu adamlary uzak wagtlap real durmuşdan "toparmak" diýmekdir. Bu şert has çylşyrymly bolansoň barlaglar has ýeňil ýoly

saýlaýarlar: has golaý, elýeter synag edilýänleri saýlap alýarlar. Köplenç olar barlaga gatnaşmaga razyçylyk beren psihologik talyplary bolýar. Hut şu faktyň özi tankydy bellikleriň obýekti bolup durýar. (ABŞ-da “ikinji ýyllyklaryň sosial psihologiýasy” diýen göwnüýetmezçilikli termin bar). Munuň esasy sebäbi sosial psihologiýada synag edilýänleriň ýaş, hünär statusynyň ähmiýetiniň uly bolup, bu zatlary hasaba almazlygyň alynýan maglumatlaryň düýpli bitaraplygyna getirýändigi bilen düşündirilýär. Mundan başgada synag edilýänleriň barlaga gatnaşmaklyga döwritalaplyga-da maglumatlaryň özboluşly üýtgemegine täsir edýär.

Tejribe barlaglaryna garanda tebigy barlaglar ýokarda agzalan taraplara degişlilikde birnäçe artykmaçlyga eýe bolsa-da, ol özüniň “saplygy” we takyklygy boýunça tejribe görnüşinden pes bolýar. Eger-de sosial psihologiýanyň real toparlary, olarda real şahsyýetleriň işini öwrenmek talabyndan ugur alynsa tebigy barlag social derňewiň we psihologik täsiriň psihologiýasynyň has oňat usulyna öwrülýär. Emma bu usula derňewiň takyklygy bilen maglumatlaryň hil derňewiniň arasynda gapma-garşylyk bolup, bu mesele öz çözgüdine garaşýar. Görkezilen usullaryň ählisiniň hut sosial psihologik derňewe mahsus bolan özboluşlygy bardyr.

Derňewiň islendik görnüşinde maglumatyň çeşmesi adam bolup durýanlygy üçin derňewçi bilen derňelýäniň özara täsiri diýip atlandyrylýan aýratyn ululyk, üýtgeýji ýüze çykýar. Bu özara täsir interwýu usulynda has aýdyň bolup, hakykata usullaryň ählisinine-de mahsusdyr. Bu ýagdaý sosial psihologiýada has ir mälim bolsa-da onuň gutarnykly çözlüşi heniz ýok.

## Bap III. Sosial derňewiň we psihologik täsir ediş psihologiýasynyň empiriki usullary barada

**Syn etme.** Bu usul özünde nazary pikirlenmäniň elentlerini we derňew mukdar usulyny jemleýär. Syn etmäniň netijesi syn edýaniň tejribesine baglydyr.

Syn etmäniň 2 görnüşi bar: tebigy we tejribe şertlerinde syn etme. Syn etmäniň esasy artykmaçlygy bu onuň elýeter usul bolup, guraly talap etmeýändigidir. Esasy kemçiligi bolsa, syn edilýän ýagdaýy 2-nji gezek gaýtadan döredip bolmaýar. Geçirilýän derňewiň wajyp talaplary hökmünde şu aşakdakylar berjaý edilmeli.

1. Derňew geçiriljek meselä degişli şertleriň we düzgünleriň berjaý edilmegi.
2. Derňewiň düzgüne laýyklykda geçirilmegini üpjün edýän adamyň şahsyýet barada maglumat.
3. Syn etmäniň geçiriljek ýeri, topary (synag geçirilýän adam) dogrusynda anyk maglumatlar, resmi ýazgylar.
4. Derňew geçirilýäniň, syn edilýän topar (adam bilen özara işläp bilmeklik, sygyşmaklyk) mümkinçilikleri.
5. Geçirilýän derňewden garaşylan netije.

Her bir derňew syn ediljek obýekti örän içgin öwrenmeklik maksady bilen geçiriljek derňewiň ýörite tertibiniň meýilnamasyny düzmek zerurdyr. Geçirilýän derňewiň syn etmäniň pelsepe usulýýet derejesi ondan alnan netijeleriň täsiri belli bir derejede dünýägaraýşy, aňlaýjylyk hem pikir işini umumy ýagdaýda bahalandyrmaga mumkinçilik berýär Şol esasda hem dereje hasabat taýýarlaýar. Alnan netijeler bahalandyrylýar. Hasabat şulardan ybarat:

1. Giriş – taýýarlyk (geçiriljek derňewe gatnaşyjynyň düzümi, sakawyň geçirilýän ýeri, görnüşleri).

2. Meýilnamanyň maksady derňeýän, öwrenýän meseleleri, garşylýan saklama netijeleri (gipotezalar-çaklamalar).
3. Usullar we obýekt barada maglumat.
4. Netijeler, alnan maglumatlaryň seljerme, anyklygy, takyklygy olaryň kanagtlandyrylyşy.
5. Alnan maglumatlar we netijeler esasynda degişli bellikler (hödürnamalar, teklipler).
6. Geçirilen derňew esasynda netijeleriň, hödürnamalaryň umumy ýagdaýda ähmiýetlidigini, tejribe işinde öwrenmek, geljekde şu usuly ulanylmagyny ýa-da goşmasak gerekmi.

Psihologiýa ylmynyň ösüşiniň maolumatriýa laýyklykda onuň umumy nazaryýet hem-de amaly taýdan öwrenilişinde şahalarynyň aýry-aýrylykda beýleki ylymlar bilen arabaglanyşykda şahsyýetn ösüşini öwrenmekde ulanyyan usulyýetiň we usullaryň ähmiýeti uludyr. Ähli ylymlary öwrenmekde synag usulynyň 2 görnüşi bar. Synag we synag däl tebigy we laboratoriýa. Bu usul şahsyýetiň bilimlerini özleşdirmekde, özüni alyp barşynda zerur ylymdyr. XIX asyryň ortalarynda umumy psihologiýada synag usulynyň dürli görnüşleri sosial-psihologik nazaryýetden öwrenilip, ulanylyşa geçirildi. Bu usulyň ähmiýeti dogrusynda Fehneriň, Weberiň, Wundyň we beýleki köp psihologlaryň işlerinde has aýdyň häsiýetnama berýär. Synaglaryň ylmy psihologiýasynyň öwrenilip başlan gününden derňew synag işleriniň geçirilmeginde uly ähmiýete eýe bolýar.

1.Bu usulyň kömegi bilen nusgalaşdyrma ýagdaýynyň hil we mukdar taýdan aýdyňlaşdyrylýar.

2.Synaglaryň şertleri ähmiýetli tasirini öwrenmek.

3.Alnan netijeler maglumatlaryň birnäçe gezek gaýtalamak dikeltmek we barlamak mümkinçiliginiň barlygy.

4.Synag usuly öwrenilýän şahsyýetiň özboluşly aýratynlyklarynyň sebäp-seljerme sebäp derňew gatnaşyklaryny öwrenmäge mümkinçilik berýär.

**Synagyň geçiriliş döwürleri:**

1.Öwrenilýän zadyň ähmiýetli taraplaryny ýüze çykarmak. Derňewiň anyk meselesiniň temasyny taýýarlamak, teswirlemek.

2.Geçiriljek desgalarda seljermeler.

Söhbetdeşlik – sözleýiş esasynda jemgyýetçilik – psihologik maglumatlary alnyş usuly. Söhbetdeşligiň kemala geliş taryhyny 3 döwre bölýärler:

a) söhbetdeşligi psihoterapiýa we psihotehniki ugurlarda ulanmaklyk, psihologik söhbetdeşlikleriň döremegine getirdi.

b) söhbetdeşligi kesgitlenen jemgyýet – psihologik barlaglarda ulanylmadyk. Soňra ilkinji gezek alynýan maglumatlaryň ygtybarlygy hakynda sorag ýüze çykdy.

ç) söhbetdeşligi maglumat almagyň aýratyn usuly hökmünde goramak döwri. Söhbetdeşligiň 2 görnüşi tapawutlanýar:

Erkin – söhbetdeşligiň temasy we görnüşi şertlenen däl.

Standartlaşan – ýapyk soragly anketa.

Söhbetdeşlikde şu ýagdaýlar ýüze çykyp biler:

a) sorag edilýän şu işi näme üçin edendigini anyk bilýär.

b) sorag edilýäne öz hereketleriniň sebäpleri barada maglumat ýetenok.

ç) söhbetdeşlik anyk maglumat almak maksady goýýan ol ýa-da beýleki ýagdaý dürli usullaryň ulanylmagyny talap edýär. Birinji ýagdaýda, adaty soraga-jogap usulyny ulanmak ýeterlik. Beyeki iki tarapdan sorag edilýäne goldaw berýän usullary saýlamaly. Şeýle usullar diagnostik we kliniki söhbetdeşlik mysal bolup biler. Diagnostik söhbetdeşlik psihoterapiýanyň irki döwürlerinde ulanylýan usul bolup, ol şahsyýetiň häsiýetleri barada maglumat alýar. Diagnostiki

söhbetdeşlikde gürrüňdeş bilen ýakyn aragatnaşyk saklanýar. Bu usul arkaly adamyň içki dünýäsine aralaşyp, oňa ezýet berýän pikirleri düşündirmek mümkin bolýar.

**Diagnostiki söhbetdeşligiň şu aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar.**

a) dolandyrylýan – bütinleý meýilnamalaşdyrylandan, tä bütinleý erkine

çenli; b) dolandyrylýan.

Kliniki söhbetdeşlik. Psihologiki kömek berilende terapewtiki gürrüňdeşlik usuly. Kliniki söhbetdeşlik söhbetdeşligiň erkin görnüşine degişli.

**Sorag – jogap usuly.** Sosial psihologik barlaglarda sorag-jogap usuly iň bir giň ulanylýan usuldyr. Sorag – jogap usulynyň esasy maksady soralýan adamyň sözlerinden obýektiw hem-de subýektiw faklar barada maglumat almakdyr.

Sorag – jogap usuly bilen ýygnalan ilkinji maglumatlar sosiologlar, etnograflar, psihologlar hem-de beýlekiler tarapyndan ulanylýar. Sorag – jogap usulynyň 2 sany esasy tipi tapawutlandyrylýar.

1. "Ýüzbe-ýüz" sorag – jogap usuly – interwýuýer tarapyndan ýörite meýilnama esasynda alnyp barylýan interwýu.
2. Gaýybana sorag – jogap usuly – anketalar özbaşdak dodurylyp hem-de poçta boýunça barlagçylar tarapyndan ýaýradylmak üçin niýetlenýär, anketalar tarapyndan.

Ilkinji bolup sorag – jogap usulyny psihologik barlaglaryň usuly hökmünde F.Galton 100 sany Anglýanyň alymlarynda sorag-jogap usulyny geçirýär, akyllylyk häsiýetiniň hem-de hem-de alymlaryň ösüşiniň şertleriniň ýüze çykyşyny anyklamak üçin işläp düzýär, onuň yzy bilen bolsa XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başlarynda Fransiýada A.Bine we ABŞ-da S.Holl ýüze çykardy. Sosial psihologik barlaglarda sorag – jogap usulynyň ulanyş çägi giňdir.

1. Barlagyň irki basganҫaklarynda öwrenilýän mesele belli bir meýilnama boýunça interwýuleme ulanylýar hem-de işçi gipotizalar ýüze çykýar.
2. Sorag – jogap usuly ilkinji maglumatlaryň jemlenen serişdesiniň esasy hökmünde bolýar.
3. Sorag – jogap usuly beýleki usullar tarapyndan alnan maglumatlary anyklamak hem-de giňeltmek üçin kömek edýär.

Sorag – jogap usuly sosial psihologik barlagyň esasy usullarynyň biridir. Gözegçilik hem-de eksperiment usullaryndan tapawutlykda sorag-jogap usuly az wagt talap edýär. Sosiologiki barlaglarda sorag-jogap usuly dürli görnüşleri ulanýar.

Standartlaşmadyk sorag-jogap usuly (erkin interwýu, kliniki gürrüň we beýlekiler) umumy meýilnama boýunça geçilýär. Soraglaryň formasy we olaryň tertibi berk kabul edilmän, olar erkin görnüşde bolýar.

Standartlaşan sorag-jogap usuly (anketa, formalizirlenen interwýu we beýlekiler) ýörite sorag-jogap kagyzynyň kömegi arkaly alnyp barylýar. Sorag-jogap wagtynda ýa-da sorag-jogap kagyzynda käbir üýtgeşmeler girizilmeýär. Sosiologiki sorag-jogap tutuşlaýyn hem-de saýlap seçijilikli görnüşde bolýar.

Sorag-jogap usulynyň effektiwligi resminamalary derňelende gozegçilik edende hem-de beýleki usullar bilen barlananda ýokarlanýar. Standart interwýu soraglary düzmegiň esasy etaplary:

1. Maglumatyň häsiýetini anyklamak.
2. Göz öňüne getirilýän soraglaryň tertibini düzmek.
3. Soraglaryň ilkinji meýilnamasyny düzmek.
4. Soraglary redaktirlemek.

Interwýuda hem-de anketada ulanylýan ähli soraglaryň, açyk hem-de ýapyk görnüşlerini tapawutlandyrýarlar. Açyk sorag soralýan adama hiç hili ýolbaşçylyk berilmeýär. Ýapyk

"howa", "ýok", "bilemok" diýen jogaplaryň haýsy hem bolsa birini saýlap almak mümkinçiligi berilýär. Açyk soraglar hakyky görnüşde bolýar, sebäbi interwýu alnanda gowy ýagdaýuze çykarýar hem-de soraglary pikirlenmäge mümkinçilik berýär. Eger-de barlagyň maksady talap edýän bolsa ýapyk sorag soralýan adam käwagtlar açyk hem-de ýapyk soraglary bir wagtda ulanýarlar.

Sorag-jogap hem-de interwýu almak bu hadysalaryň guramaçylyk döwürleri bardyr.

1. Dostlukly ýagdaýy düzmek.
2. Interwýu esasy fazasydyr.
3. Interwýunyň gutarmagy.
4. Berlen interwýunyň hasaba alnyşy.

Gaýybana sorag-jogap geçirilende birnäçe usullar bar.

1. Anketanyň resminamalaryny poçtalar boýunça paýlamak.
2. Anketalary gazetdyr, žurnallar tarapyndan ýaýratmak.
3. Soralýan adamyň iş ýerine ýa-da ýaşaýan ýerine anketalary gowşurmak.

Anketa düzülende sorag-jogap usulynyň gaýybana formasynyň ýöriteleşen aýratynlyklaryny göz öňünde tutmaly. Ilkinji sahypalarda sorag-jogap geçirýän kärhanasy ýa-da guramalary görkezilýär. Soňra soralýan adama ýüzlenme, barlagyň maksady, anketany nähili doldurmagyň düşündirilişi, şeýle hem alynýan jogaplaryň anonimligini-gizlinligini aýtmaly. Resminamanyň ahyrynda soralýan adama minnetdarlyk bildirilýär.

Sorag-jogap hem-de interwýu usullaryny deňeşdirip, olaryň aýratynlyklary hem-de ýetmezçiliklerini bellemeli. Interwýu tarapyndan alnan maglumat anketadan tapawutlylykda çuň hem-de doly bolýar. Interwýu soralýan adama gözegçilik etmäge mümkinçilik berýär. Anketa usulynda wagt hem-de serişde köp sarp edýär. Bu usul gysga wagtyň

dowamynda çuň derňew üçin material almaga mümkinçilik berýär.

**Sosial-psihologik eksperiment (synag).**

Ylmyň ösüş taryhynyň maglumatlaryna laýyklykda psihologiýanyň ösüşinde, onuň umumy nazaryýet taýdan öwrenilişinde, pudaklaryň aýry-aýrylykda öwrenilmeginde, ylmy-amaly ýagdaýlarda derňelmeginde usullardyr – usulyyetleriň we taglymatlaryň uly ähmiýeti bardyr.

Ylymlary öwrenmekde we derňemekde eksperiment (synag) usulynyň örän uly ähmiýeti bardyr. Bu usul bilimleri ösdürmekde, olary differensirlemekde, alnan maglumatlary öwrenmekde zerur usul hasaplanylýar. XIX asyryň ortalarynda umumy psihologiýa ylmynda hem synag usulynyň yzygiderli ulanylmagy başlandy. Bu usulyň ulanylyşynyň has giňişleýin peýdalanylýandygy barada Fehneriň, Weberiň, Wundtyň we beýlekileriň işlerinde has aýdyň beýan edilipdir.

Ylmyň psihologiýanyň ösüp we öwrenip başlanmagy eksperiment usulynyň ulanylşy psihologlaryň ylmy işinde uly ähmiýete eýe boldy.

Eksperiment (synag) – bu ylmy derňew işiniň gözleglere daýanmak düzgünleriň baglanyşygyny göz öňünde tutýan derňew usulydyr.

Birinjiden, nusgalaşdyrma ýagdaýyň we şertiniň hil we san taýdan kesgitlenilmegi; Ikinjiden, synag (derňew) geçirilýän ýagdaýlara (ýüze çykmalara) işjeň täsiri; Üçünjiden, täsirleşmäniň derejesini ölçemek; Dördünjiden, netijeleriň birnäçe gezek dikeldilmegi we barlanylyp ulanylmagy.

Tejribe (eksperiment) iş hökmünde adamyň iş tejribesidir, synaga laýyklykda fakt belli bir hakykatyň ölçeg birliginiň häsiýetine öwrülýär we güýçli usulyna öwürýär. Tejribede öwrenilýän obýektleriň özboluşly aýratynlyklarynyň sebäp-derňew gatnaşyklaryny öwrenmäge gönükdirilendir. Eksperimente (tejribä) iş hökmünde seretmek bilen ony

geçirmek zerur bolan derňew döwürlerini we wezipelerini anyklalyň:

**I döwür.** Derňewiň nazaryýet – taglymat döwri (meseläniň goýluşy). Bu döwrüň wezipeleri:

1) derňewiň meselesini we temany kemala getirmek;
2) derňewiň obýektini we predmetini kesgitlemek;
3) synag-derňewiň wezipelerini we gipotizasyny kesgitlemek.

Predmetiň, meseläniň öwreniliş araçägi ýagdaýa görä kesgitlenýär:

1) derňewiň maksady we wezipeleri;
2) derňewiň obýekti;
3) synagyň material we wagt mümkinçilikleri;
4) meseläniň ylmy taýdan işlenilşi, olaryň nazaryýet taýdan bellenilşi.

Bu döwrüň esasy wezipesi eksperimental derňewiň we aňlatmanyň predmetini işläp düzmekden hem-de anyk konseptual düşünjeleri kesgitlemekden ybaratdyr.

**II döwür.** Derňewiň usulyýeti döwri. Bu döwürde derňew usulyýetiniň işleniliş usulyýeti we meýilnamasy düzülýär, ýagny garaşly we garaşsyz derejeleriň ýagdaýlary öwrenilýär, olary öwrenmegiň usulyýeti işlenilýär. Derňewiň meýilnamasyny düzmek hem iki ýagdaýy göz öňünde tutýar:

1. synagyň maksatnamasynyň düzülmegi we derňewiň (tejribäniň) yzygiderligini kesgitlemek;
2. test-obýekt (sýiş we predmet gyjyndyryjy);
3. görkezme (işe gönükdirilen gurnamalar);
4. synagy geçirýänler;
5. synag edilýäniň şahsyýeti;
6. synag edilýänleriň jogap-täsirleşmesi.

Eksperimental ýagdaý birnäçe guramaçylykly we guramaçylykly däl toparlary öz içine alýar. Synagyň esasy düzgüni hemme üýtgemeler ähli tejribäniň dowamynda

konstant bolmaly hem-de hil we san häsiýetlere eýe bolmaly, üýtgeýjilik ýagdaýynda gabat gelmeli.

**III döwür.** Analitik döwür. Bu döwürde alnan netijeleriň san derňewi amala aşyrylýar we täze ylmy gipotezalary hem-de tejribelikleri işläp düzýär. Synag usulynyň ösüşi 4 sany ýagdaý bilen baglanyşyklydyr:

1. täze synag işlerini döretmek;
2. ölçeýji operasiýalaryny işläp düzmekden;
3. usullary kompleksirlemekden;
4. tehniki üpjünçiligi kämilleşdirmekden.

Umumy ýagdaýda aýdylanda, sosial psihologiýada tebigy we laboratoriýa görnüşleri bardyr. Bularyň ikisine degişlilikde birnäçe umumy günler bolup, olar eksperimentator tarapyndan erkinlikde garaşsyz üýtgeýjileri girizmek, olara we garaşly üýtgeýjilere gözegçilik etmekden we ş.m. ybaratdyr. Şeýle umumy talaplara onuň netijesini belli bir etalon bilen degişlidir. Bu umumy talaplar bilen bir hatarda laboratoriýa we tebigy eksperimentler öz hususy psihologiýada has çekişmeli meseleleriň biri laboratoriýa eksperimenti ulanmak mümkinçiligi hakyndaky meseledir. Häzirki zaman psihologiýa çeşmelerinde bu barada iki mesele öňe sürülýär: eksperimentde alnan maglumatlaryň ekologik walidliligi ýa-da bu maglumatlary "real durmuşa" geçirmek mümkinçiligi, synag edilýänleriň ýörite saýlanyp alynýanlygy sebäpli bu maglumatlary real durmuşda ulanmaklygyň bitaraplylygy meselesi. Has möhüm metodologik mesele hökmünde bu ýerde laboratoriýa eksperimenti jemgyýetçilik gatnaşyklaryny, Maslahat beriş psihologiýasynyň müm konteksti bolan "sosiallygy" ýada çykarmaýarmy diýen sorag ýüze çykýar. Ko awtorlar laboratoriýa eksperimentiň bu çäkliligi bilen ylalaşyp, ondan umumy ekologik walidliligi talap etmeli däl diýip hasap edýärler. Onuň netijelerini real durmuşa geçirmezden, synaglarda nazaryýetiň aýry-aýry taraplaryny barlap, real ýagdaýlaryň derňewinde bu nazaryýetiň mazmuny esasynda

düşündiriş bermeli diýip nygtaýarlar. Awtorlaryň başga bir topary, meselem: D.Kempbell, sosial psohologiýada "kwazi eksperiment" diýip atlandyrylýan eksperimentleriň aýratyn synpyny ulanmaklygy teklip edýär. (Seret: Kempbell D."Modeli eksperimentatow w sosialnoý psihologii i prikladnoý issledowaniý". Bu pikir ýöretmeler hakykata golaý bolsalar-da, ýüze çykýan meseleleri doly çözmeýärler, sebäbi nazaryýeti barlamak hem real durmuşa golaý ýagdaýlarda amala aşyrmaly bolýar.

Başga bir çäklilik laboratoriýa eksperimentlerinde reprezentatiwlik meselesiniň özboluşly çözülişi bilen baglanyşyklydyr. Adatça eksperiment üçin representatiwligi berjaý etmek hökmany hasaplanmaýar. Emma sosial psihologiýada, derňew barlag işleri alynyp barylýanka bu mesele aýratyn häsiýetde bolýar. Tejribe şertlerinde synag edilýänleriň toparyny jemlemek, bu adamlary uzak wagtlap real durmuşdan "goramak" diýmekdir. Bu şert has çylşyrymly bolansoň eksperimentatorlar has ýeňil ýoly saýlaýarlar: has golaý, elýeter synag edilýänleri saýlap alýarlar. Köplenç olar eksperimente gatnaşmaga razyçylyk bilen psihologik bölümiň talyplary bolýar, şeýlede synag edilýänleriň ýaş, hünär statusynyň (derejesiniň) ähmiýeti uly bolup, ol aýlary hasaba almaklygyň özi maglumatlary toplamaga, olary öwrenmäge we jemlemäge uly ýardam edýär.

Tejribede eksperimentine garanyňda, tebigy eksperiment ýokarda agzalan ýagdaýlara degişlilikde birnäçe artykmaçlyga eýe bolsa-da, ol özüniň saplygy we takyklygy boýunça tejribe synag görnüşinden pes bolýar. Eger-de sosial psihologiýanyň real sosial toparlary, olarda real äahsyýetleriň işini öwrenmek talabyndan ugur alynsa eksperiment (synag) sosial psiholoik derňewiň has perspektiw usulyna ülýar. Emma bu usulda derňewiň takyklygy bilen maglumatlaryň hil derňewiniň arasynda gapma-garşylyk bolup, bu meseleler öz çözgüdinde garaşýar.

Görkezilen usullaryň ählisiniň hut sosial psihologik derňewe mahsus bolan nözboluşlygy bardyr. Derňewiň islendik işinde maglumatyň çeşmesi adam bolup durýanlygy üçin derňewçi bilen synag edilýäniň özara täsiri diýip atlandyrylýan aýratyn ululyk ýüze çykýar.

Umuman, eksperiment geçirlende soňra alnan netijeleri işlemek we öwrenmek hem uly ähmiýete eýe bolup, netijeleri ulanmakda örän peýdalydyr. Alnan netijelerde anyk san maglumatlar, hil maglumatlar hem nazaryýet taýdanam örän esaslandyrylan bolmalydyr. Günki netijeler ara alnyp maslahatlaşylanda, geçirilen synaglaryň nazary wajyplylygy, onuň ulanylýan edebiýat çeşmeleri bilen baglanyşygy we geçirlen synagyň geljekde ähmiýeti barada doly maglumatlar bolmalydyr. Geçirilen synagyň jemi barada, onuň sosial-psihologik derňewleri geçirmekde ähmiýeti, durmuşy-ýaşaýyş şertlerine golaýlygy ulanmaga mümkinçiligi barada hem bellemeli. Sebäbi, synag usuly derňew geçirmekde zerur bolmak bilen birlikde, bu usul synag esasynda anyk maglumat almakda we pydalanmakda hem iň ähtibarly usullaryň biridir.

## Bap IV. Derňew üçin zerur bolan şertler we onuň guralyşy

Derňew üçin zerur bolan şertler:

1. Mesele goýmak.
2. Maglumat toplamak.
3. Gipotezany (saklaýjy) formilirlemek.
4. Işiň meýilnamasyny düzmek.
5. Işiň alnyp barlyşy.
6. Netije çykarmak.
7. Hasabat ýazmak.

Meselem, käbir adamlaryň näme üçin köp keselleýäni derňemek biz öz öňümizde maksat edip goýduk.Ýaşlykdan saglygy ýagdaýyny öwrenmeli, maşgala ýagdaýyny deňeşdirmek bilen gatnaşygyny ýaşaýyş ekologiýasyny göz öňüňde tutmak iýmitine gözegçilik edip görmek ýaşaýyş keşbini, özüni alyp barşy, boş wagtlary nähili geçirmeklik we ş.m. Sowudan bir kesel galyp, olam wagtynda bejerilip.Lukmana görkezjek: Moskwa, Amerika äkitjek, işden rugsat almak, serişde toplamak, wiza lamak. Iki ýerde işlemeli, ýoldaşlary bilen arkalaşmak, wiza bilen gyzyklanmak. Netije çykarmak. Sagaldy, berhiz saklamaly, özüňi seretmeli, öýermeli, çykarmaly.

Maglumat toplamagyň usullary.

1. Syn etme.
2. Resminamalary derňemek.
3. Sorag-jogap.

Nämä syn etmeli?

1.Sosial ýagdaýyň, maksatlaryň umumy häsiýetnamasy.
2. Obýektiň tipikliligi.
3. Wakanyň subýekti.
4.Topara umumy gatnaşýanlaryň maksatlary.

5.Maksada ýertmegiň usullasry.
6.Yzygiderlik (wakanyň yzygider gaýtlanmagy).

I. Geçirýän ýeri, içki we daşky faktorlara guramaçylygy resmi kabul edilen düzgünler resmi kabul edilmedik, ýöne ýerine ýetirmek düzgünleri.
II. Ýygnaga mahsus bolan zatlar (gös-göni, wagtal).
III. Wakanyň subýekti – munuň özi şol waka gatnaşýan adamlar.
IV. Ýygnaga gatnaşýan adamlaryň her biriniň öz maksadynyň bolmagy.
V. Duýduryş, habar bermek, käýemek, haýyş etmek we ş.m.
VI. Ýygnaga her wagt meselem her hepdäniň baş güni ýygnak başlanýar (yzygidelikde).

**Bellik:** gatnaşýanlara syn etmek:
a) haýsy jynsyň gatnaşýanlara üns bermek (meselem, oglanlarmy ýa-da gyzlarmy);
b) ýaşyna seretmeli;
ç) wezipesine, kärine seretmeli;
d) haýsy ýerlerden gelenlerine seretmeli.

**Goldaýjy replikalar** – arkamyza ýel çaldyrjakda, biziňem köçämizde gün
dogjag-ow, agzymyz aşa ýetjeg-ow.

**Goldaýjy däl replikalar** – ganymyzy işjekde, gutarda, ýürege düşdi, diş-dyrnagmy döküýdi.

**Seslenmeler** – urra, uf.
Her bir çykyşa berilýän wagta **reglament** diýilýär.

**Maglumatyň ygtybarlygyny ýokarlandyrmagyň usullary.**

**Maglumatyň ygtybarlygy** – onuň hakykata laýyk gelmegi we sanap bolýan obýektleriň mukdarynyň takyklygydyr. Maglumatyň ygtybarly bolmagy derňelýän

obýekt waka barada dogry netije çykarmak üçin zerurdyr. Mysal üçin, gül gowy ösüpdir, şu gül gowy ösenok diýýär.

1.güli gowy seredildi, tohumy gowy.

2.güle gowy seredenok, tohumy gowy dal.

Meselem, olimpiada gatnaşýan talyplara ýa-da okuwçylara diňe bilýänler gatnaşmaly, hakyky bilimli orta çykarmaly diýlende, onda oňa diňe bilime höwesliler, bilimliler gatnaşýar.

**Maglumatyň ygtybarlylygyny ýokarlandyrmagyň usullary:**

a) bir däl-de, birnäçe syn edijileri goýmak;

b) syn edijileriň arasynda "Wezipe paýlanşygy" üpjün etmek;

ç) syn edilýän hadysany, obýekti mümkingadar köp bölejiklere bölmek;

d) wakany dürli ýagdaýlarda (ekstremal-adaty däl, kadaly, adaty) öwrenmek;

e)wakanyň sanap bolýan elementleriniň sanyny köpeltmek we takyklamak;

ä) wakanyň bolşuny onuň beýan edilişi bilen çalşyrmaklyk;

f) syn edýäne "özümuziňki" diýlen "maskany" geýdirmek;

g) syn edýäniň şahsy gatnaşygyny aradan aýyrmak ýa-da mümkin boldugyça azaltmak.

## Bap V. Sosial psihlogik täsir edişiň psihologiýasy

Umumy psihologiýa ylymynyň köp dürli ugurlarynyň biri bolan durmuşy psihologiýa ylymynda şahsyýetiň kemala gelmegine, onuň kämilleşmegine ýardam edýän esasy şahalaryň (ugurlaryň) düzüminde bolan adamy, şahsyýeti doly öwrenmäge kömek edýän durmuşy psihologik täsir edişiň ylmy nuktaýdan öwrenilýän usullary barada dürli ugurdaky alymlar köp işleri, ylmy derňewleri geçiripdirler.

Elbetde adamyň ösüşiniň kemala gelmegini, hem-de onuň kämilleşişini beýleki ylymlaryň täsirlerinden üzňelikde göz öňüne getirmek bolmaz. Çünki, biziň öwrenýän umumy psihologiýa ylymymyzda adamyň, indiwidiň, şahsyýetiň özboluşly psihiki aňlaýjylykly emosional erkin sypatlary hem-de onuň biri-biri bilen aragatnaşygynyň psihologiýasynyň kanunalaýyklyklary, düzgünleri öwrenilýär.

Aýdylanlary doly öwrenmäge ýardam edýän soň- psihologik täsir edişiň usullary özüniň aragatnaşygynyň psihikasy bilen, şahsyýetiň psihologiýasy bilen, toparlardyr-kollektiwiň psihiologiýasy bilen jebis baglanşykly bolup, adamyň adama täsir edişiniň onuň usullarydyr tärleriniň psihiologiýasyny görnüşlerini öwrenýär we aýry-aýrylykda ylmy nukdaý nazardan derňemäge ýardam edýär.

Aragatnaşyk özara täsir hökmünde 3 toparly hadysalary ýagdaýlary öwrenýär, ýagny aragatnaşygyň 3 tarapynyň öwrenilişi hadysasy, olaryň hersiniň mazmuny, indiwidleriň bir-birine täsirleriň ugurlaryny-usullaryny jemleýär.

Adamlaryň bir-birine täsiri maşgalada, toparlarda bilelikde işiň esasynda ýüze çykýar. Hakykatda adamlaryň özara täsiri göniden-göni işiň netijesinde amala aşýar.

Eger-de täsiriň maksady aragatnaşyk edýän adamyň özüni alyp barşynyň we işiniň üýtgemegi bolsa, onda bu

üytgemäniň ugurlary özara işiň esasynda maksada laýyk kesgitlenilýär.

Emma aragatnaşyk öz görnüşi boýunca köp taraplydyr. Dürli tötänlikler, ýagdaýlar esasynda ýüze çykyp biler. Aragatnaşygyň interaktiw tarapy bu adamlaryň özara täsirleri, olaryň bilelikdäki işi we ol işi bile guramaklygy bilen baglanşyklydyr.

Emma şol özara täsiriň barlanşykly bölejiklerini aňladýan täsir problemalaryny derňemegiň durmuşy psihologiýasynda öňden gelýän kanunly düzgünleri bardyr.

Ýöne bu düzgünler gapmagarşylyklydyr. Bir tarapdan bu mesele barada köp işler derňewler, metodikalar bolsa özara täsiri özüniň gözbaşysy edýän teoretiki ugur.- interaksioniri bolup ol 2-nji bir tarapdan özara täsiriň sosiýsal özüni alyp baryş ýagdaýyny öwrenýär.

Özara täsiriň aragtnaşygnyň gurluşygyndaky roly we beýlyki käbir mmöhüm problemalaryň entäk aýdyň görnüşi ýokdur.

Psihologlaryň bir topary aragatnaşygy we özara täsiri bir hadysa hasaplap, ikisinede kominikasiýanyň dar manysynda ulanylýarlar (kak obmen informasiýeý) Beýleki bir topar özara täsir bilen aragtnaşygy başga bir prosesiň mazmunynyň gatnaşygy hökmünde seredýärler.

Elbetde, psihikada soň psihologik täsir edişiň öwrenilişi onuň esasy usullary we olaryň durmuş ýaşaýyş iş şertlerinde derňelişi we ulanylşy barada ýörüte işlenilen usullar, ol usullary ulanylmagy barada rus psihologlary XX asyryň ikinji ýarymyndan başlap, ýörüte goldanmalardyr ylmy işleri ýazyp başladylar. Bu meselede esasan hem Andreýewa, Bodalýow, Şorohow we beýlekiler köp işleri alyp barýarlar.

Özara täsir edişiň usullaryny, olary ulanylagyň we peýdalanylmagyň düzgünleridir kanunalaýyklyklaryny ýokary okuw jaýlarynda psihiologo-pedagogik ugurlary hünärenlere okadylagynyň esasy ähmiýeti ösüp gelýän ýaş nesli, adamlaryň

içgin we ýakyndan öwrenäge ýardam edýär, ýagny geljekki hünärenleriň iş tejribelerinde, önüçilikde ož bilimlerini artdyrmaga, kämilleşdirmäge has peýdalydyr.

Adamzat durmuşynyň ýaşaýşynyň häzirki zaman ösüş derejesinde onuň aňyna we özüne alyp barşyna daşky gurşawdan, adamlar bilen özara gatnaşygyndan dürli derejede täsirler we üýtgemeler özboluşly aýratynlyklary getirýär. Şeýle ýüze çykýan çylşyrymly ýaşaýyş we durmuş meseleleriniň adamyň öňünde çözmesi kynrak, emma derwaýys bolan ýagdaýlary keserdip goýýär. Bu ýagdaýlar önümçilik meseleleri, ýaşaýyş-durmuş, maşgala gatnaşyklary bilen baglanyşykly bolup her bir adamyň şahsy aýratynlygyna laýyklykda özüni alyp barşyny meseläniň çözgüdini häsiýetlendirýän derejelerde bolýar. Bu meseleler edil şu günki mesele bolman adamzat jemgyýetiniň ilkinji döreýiş döwürlerinde hem bolupdyr. Ol döwürlerde adamyň özini alyp barşy, aňyýeti häzirki döwürdäkiden has tapawutly bolupdyr.

Hakykatdanda adamzat durmuşynyň, ýaşaýşynyň dürli ýagdaýlarynda ýüze çykýan meseleler özüniň çözgüdini talap edipdir. Bu meseleler irki wagtdan alymlary gyzyklandyrypdyr. Olar bu meseleleri dürli garaýyşlar we çemeleşmeler esasynda öwrenmäge çalşypdyrlar. Şol sebäpden dürli garaýyşlar, çaklamalar we dürli häsiýetlendirmeler we taglymat düşünler ýüze çykypdyr. Olaryň ählisi töwerekleýin pelsepe nukdaýdan taryhy jemgyýetçilik häsiýetde bolupdyr. Ylmyň we tehnikanyň ösmegi bilen psihiologiýa ylmy özboluşly özbaşdak ylym hökmünde öwrenilip başlanylypdyr.

Psihiologiýanyň bir topar şahalary bolup, olaryň biri hem durmuşy psihologiýadyr. Durmuşy psihiologiýa özbaşdak ylym hökmünde XX asyryň ortalaryndan öwrenilip başlanýar. Ýüze çykýan käbir kynçylyklar, dürli garaýyşlar bu ugruň öwrenýän esasy meselesini we häsiýetnamasyny dürlüçe kesgitläpdirler, häsiýetlendiripdirler.

Durmuşy psihiologiýanyň esasy ugry bolan psihiologik täsir ediş usullary adamlaryň ýaşaýyş durmuş meseleleri, özara gatnaşyklary esasynda bolup geçýän dürli derejedäki täsir edişiň ýagdaýlaryny öwrenýär, degişli häsiýetnamalardyr, kesgitlemeleri ýüze çykarýar.

Durmuşy täsir edişiň meseleleri esasan aragatnaşyk ýagdaýynda ýüze çykýar. Täsir edişiň psihiologik mehanizmleri esasan iş, gymyldy-hereket arkaly ýüze çykýar. Psihiologik täsir usullarynyň ulanylyşy, psihiologik nazaryýetden öwrenilişi işiň ýagdaýyna we mazmununa laýyklykda seljerilýär.

Täsir usullary esasan iki adamyň arasyndaky, topar arasyndaky özara gatnaşyk netijesinde ýüze çykýar. Durmuşy psihiologiýanyň bölümi hökmünde täsir ediş usullary esasan adamyň özüni alyp barşy bilen baglylykda has aýdyň ýüze çykýar. Durmuşy psihiologiýanyň bu bölüminiň birnäçe usullary bolup, olar adamlar köpçüligini olary özara gatnaşygyny öwrenmekden derňemekden peýdalanylýar. Ol usullaryň hataryna ýoňlama, ynandyrmak, söhbetdeşlik dialog, psihogramma, çekişme, oýun we beýlekiler degişlidir.

Sosial-psihologiýa özbaşdak ylym hökmünde öwrenildi, onuň durmuşy jemgyýetçilik ähmiýetini artdyrmak bilen adamlara täsir ediş hem-de derňew usullarynyň ulanyljak zerurlygyny ýüze çykardy.

Hakykatdanda adamzat durmuşynyň, ýaşaýşynyň jemgyýetiň ösüşiniň özboluşly çylşyrymly ýagdaýlary psihologiýada çykarmak bilen şol meseleleriň çözgütlerini tapmagyň dürli ugurlaryny, ylmy nazaryýet kanunalaýyklyklaryny hem-de kynrak päsgelçilikleri ýeňip geçmegiň usullaryny gözlemegiu talap edýär. Häzirki wagtda şeýle ýaş ylmyň öwreniliş taglymaty, düşünjeleri welin – bu usullardyr, täsirleriň, derňewiniň geçirilmeginiň wajyplylygyny ýüze çykarýar. Elbetde bu meseleler barada irki wagtlarda-da gyzyklanypdyrlar. Dürli esaslarda, ugurlarda belli bir

düşünjeler peýda bolupdyr, goraýyşlar, nazaryýetler, çaklamalar, taglymatlar we dürli kesgitlemeler esasynda çekeleşikli pikirler hatda gapma-garşylykly düşünjeler hem ýüze çykypdyr. Emma olaryň ählisi töwerekleýin taryhy jemgyýetçilik we pelsepe ylymlar esasynda bolupdyr.

Psihologiýanyň özbaşdak ylym hökmünde öwrenilip, başlanmagy onuň esasy şahalarynyň biri bolan sosial psihologiýanyň ylmy amaly täsir we derňew usullaryny öwrenmeklige hem giň mümkinçilik berýär. Soňky döwürlerde ýüze çykan täze-täze tehniki serişdeler çylşyrymly ylymlar kibernetika, biohimiýa ýaly ylymlaryň öwrenilip başlanmagy hem adamzat jemgyýetine özboluşly täsirini ýetirýär.

Ýüze çykýan meseleleri, olaryň aýratynlyklaryny öwrenmäge degişli bolan ýörite sosial psihologik täsir edişiň we derňewiň toplumlaýyn usullaryny işläp düzmeklik ýola ghoýuldy. Bu usullaryň kömegi bilen adamyň arasyndaky gatnaşyklaryň, toparlara gatnaşygy, özara garnaşygyň psihologik häsiýetine öwrenmegine degişli. Sosial psihologik täsir ediş we derňew usullaryna degişli bolan umumy usullar we netijeligi barlamak toplumlaýyn usullary bolup, olar esasan terbiýeçi amalyýetçi psiholog pedagoglaryň işinde giňden ulanylyar.

1) Sosial-psihiologik täsir ediş usullarynyň many-mazmunyna laýyklykda olary öwrenýän psihiologlardyr alymlar özara köp meseleler boýunça çekişme ýagdaýynda täsir ediş tipleriň we usullarynyň görnüşlerini we aýratynlyklarybny esasy mesele hökmünde olary owrenmekligi, ýagny ylmy nazardan we metodologik nazarýetden çemeleşme barada soňky döwürlerde örän köp işler alyp barýarlar.

Täsir edişiň usulyýeti hökünde ähli ylymlarda bolşy ýaly bu yerde-de umumy psihologik we ylmy metodologik düşünjeler garaýyşlar giňden ulanylýar.

Durmuşy psihologik täsir edişiň umumy häsiýetnamasyny öwrenmekde, onuň beýleki ylymlar bilen

arabaglanşygyny öwrenmekde we şahsyýetara, özara täsiriň ýagdaýyny öwrenmekdäki umumy maglumat beriji usullar peýdalanylýar.

Emma şahsyýetiň şahsy özboluşly psihiologik özboluşly aýratynlygyny öwrenmek – bu eýýäm beýleki derňew, barlag usullar toparyna, ýagny synaglary özboluşly söhbetdişlikleriň we şahsy çemeleşmeleriň ýagdaýlaryny hem öwrenmek maslahat berilýär.

Hakykatda durmuşy täsiriň esasy usullary esasynda ilki bilen adamyň şahsy özboluşlyklary we aýratynlyklary iň ýönekeýje usul bolan söhbetdeşlik, gürrüňdeşlik esasynda guralýar...

Şeýlelikde durmuşy täsir edişiň usullarynyň görnüşleri barada aýdylanda bu ýerde özara täsir meselelerini öwrenmekde onuň dürli ýüze çykmalarynyň özboluşly häsiýetleri barada düşünje almak zerurdyr, sebäbi psihiologik täsiriň esasynda adamlaryň köp sanly ýa-da ikibara dürli ýagdaýdaky özara täsire psihiologik jähtden çemeleşýänligi hem ol öz-özünden hem bellidir.

Mälim bolşy ýaly, özara täsir edişiň görnüşlerini özboluşly toparlara bölmeklik barada ençeme synanşyklar, çemeleşmeler, işler alnyp barylýar. Bu ýerde özara birleşmek-kooperasiýa we özara bäsleşik-konkurensiýa diýen ýaly gapmagarşylykly düşünjeler ýüze çykýandyr. Bu iki ýagdaý barada köp dürli gözgaraýyşlar, taglymatlar bardyr. Ýöne bu iki görnüşden başgada özara täsir edişde laýyklyk we gapma garşylyk, uýgunlaşmak we garşy durmak we ş.m. ýaly görnüşler hem ýüze çykýar. Bu babatda Ýewropa psihologlary, esasan hem nemes alymlary özboluşly göz garaýyşlaryny beýan edýärler we birnäçe işleri ýazandyrlar.

Özara täsir edişiň gapma-garşylykly hem-de ýarym ýagdaýdaky gatnaşyklarynyň jemgyýetçilik ösüşine täsiri pes däldir. Ol adamlara-da gowy täsir edýär, sebäbi bäsleşikli çekeleşikli iş, gymyldy hereket diňe bir jemgiýetiň ösüşine däl-

de, eýsem psihiologik ýaşaýyş durmuşynyň, şahsyýetiň özüniň ösüşine-de oňaýly täsir edýär.

Adamyň bir-birine täsir edişiniň görnüşlerini dürli psihiologik ýagdaýlarda, meselm: gapma-garşylyklaryň sebäbini bilmek, özara ýaryşyň ähmiýetine düşünmek we beýleki ýagdaýlary öwrenmekde ähmiýetlidir.

Şeýlelikde, durmuşy psihiologiýada täsir ediş usullarynyň görnüşleri, olary ulanmak esasy mesele bolup durýar.

Şeýlelikde, durmuş psihologiýasynyň öwrenilmegi esasynda özara täsiriň usullarydyr, ugurlary diňe birleşmek görnüşinde däl-de ol özara ýaryş we garşylykly hereket esasynda hem ýüze çykyp biler.

Özara täsiriň görnüşleri diňe bir anyk ýagdaýda kabul edilende düzgün boýunça möhüm mesele - işiň mazmuny ünsden düşürilmeli däldir. Emma ýaşaýyş, durmuş ýagdaýynda şu mesele ünsden düşürilýär.

Özara täsiriň islendik görnüşi edilýän işiň many-mazmun çäginde berilýär. Ýöne şol işiň mazmunynyň dürli-dürli bolmagy mümkin.

Şonuň üçin, durmuş psihiologiýasy täsir edişiň usullaryny diňe bir önümçilikde däl, eýsem jemgiýetçilik durmuşynda hem görmek bolýar. Olar ýakymly, ýakymsyz ýagdaýda bolup biler.

Özara täsir edişiň gapmagarşylykly görnüşini ýüze çykarmak ýa-da aragatnaşygyň interaktiw tarapyny öwrenmekde oňaýly ähiýet peýda berýär. Ýöne bu ýagdaýda ýörite ylmy barlag esasynda derňew geçirek mümkin bolmaýar.

Hakykatda bu mesele ylmyň täze ösüş döwri we täzeçe ulanylmaly usullary tapmalydygyny ýüze çykarýar. Bu ýagdaýlaryň häsiýetleri aýdylanda täsir ediş derejeleri köpçülik üýşmeleň ýa-da başga bir häsiýetdäki adamlar toparynyň birleşmeleriniň özara gatnaşyklarynda täsir usullarynyň ýagdaýlarynyň, görnüşleriniň ýüze çykýandygy mälimdir.

Tersine, jemgyýetçilik durmuşynyň çylşyrymlaşmagy medeniýet we sungat eserlerini öwrenmek, boş wagty özleşdirmegiň köpçülikleýin görnüşleriň ösmegi köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýaýbaňlanmagy, bu hadysalara aýratyn üns bermekli talap edýär. Her bir halkyň özboluşly aýratynlygyna laýyklykda öwrenilýän meseläniň durmuşy psihiologik häsiýetde goýluşynyň beýleki ýurtlardaky ýagdaýlardan düýpgöter başgaçadygyny bellemek zerurdyr.

Meselem, gündogarda adamlaryň özüni alyp baryş ýagdaýy olaryň birek-birege täsiriniň milli häsiýetlerde ýüze çykýanlygyny duýmak bolar. Bu meselede her bir adamyň özüniň alyp barşynyň esasy aýratynlygy oňa täsir edýän maglumatlaryň durmuş ýaşaýyş şertleriniň aýratynlyklary bilen baglanyşykda öwrenilýär.

## Bap VI. Özara tasire “simwoliki” çemeleşme

Ýokarda aydyp geçişimiz ýaly özara täsir edişiniň usullary öwrenişilende ýaşaýyş-durmuş şertlerinde aragatnaşygyň interaktiw tarapynyň wajyplygy bellenilýär we özara täsiri islendik sosial psihologik derňewiň başlangyç nokady hasaplaýan ýörite ugruň döremegne getirdi. Bu ugruň has ösmeginde görnükli psiholog Midiň ady bilen bagly bolup ol bu ýagdaýa “Simwoliki interaksionizm” diýen at beripdir.

Mid hakykatdan-da öz pikrini häsiýetlendirmek üçin ýerli akym bolan “bihewiorizm” düşenjesinden peýdalansa-da , bu düşünje onda düýbünden başga many - mazmuna eýe bolýar.

Bihawiorizm Mid üçin interaksiýany inkär edýän we özara barşyňy synlamak we gözegçilik etmeklige esaslanýan aňy we öz özüňi aňlamaklygy analiz etmek usulynyň sinonimi bolup durýar.Galan ýagdaýda Midyň taglymat-da bihowioristik delilleriň (dokazatelstwa) bir näçesi ulanylmaýar.

Adamyň “men” hadysasynyň sosialtik -psihik tebigatyny aýdyňlaşdyrmak işinde Midyň ady bilen ýüze çykan aragatnaşygy aýgytlaýjy ähmieti barada pikir ýöredilýär. Şol bir wagtyň özünde Mid adamyň özara barada daşyndakylara täsir esasynda ýüze çykmaklarynyň toplumy hökmüde garaýar we ony “men” dien öz özlerine düşünjelerini öz özlerine syn etmede, baha bermekde we kabir sahsyet ara, çylşyrymlygy meseleleri çözmekde peýdaly hasaplaýar.

Midin pikiriçe, aragatnaşyk ýagdaýy ilkinji nobatda özara täsir ýagdaýy hökmünde açylyp görkezilýar. Şeýle ýagdaýyň ýagdaýyň modien bolyp oýun işi hyzmat edýär.

Şeylelikde, interaksionistik düşünjäniň merkezi pikiri şahsyetiň beýleki şahsyetler bilen özara täsirde kemala gelýändigini ykrar etmekden ybarat bolyp bu hadysanyň mehanizmi herekitini ol baradaky be ýleki adamyň pikiri hakyndaky düşünje esasynda gözegçilik etmek bolup durýar.

Şeýle wajyp meseläni ylmy derňewie girizen hem bolsa, Midiň taglym-da düpli hem-de käbir bärden gaýtmalar bardyr diýip belleýärler.Olar 2 sanydyr.

Simwollaryň-bellikleriniň roluna, ähmiýetine çakdan aşa uly üns berilýär; ýokarda görkezilen özara täsirileriň ählisi belginiň düzümi esasynda döredilýär.

Başgaça aýdanyňda, adamyň işi we özara täsir ýagdaýynda, ahyrky netijede bu ýagdaýyň bellikler arkaly kesgitlenýändigi düşündirilýär. Adam "belgiler" ýagdaýyna goşulan ýagdaýynda janly ýaşaýjy hökmünde häsetlendirilýär. Bu pikir bilen lalaşmakda bolýar. Aragatnaşygyň umumy psihiologik we durmuşy-psihiologik ähmiýeti esasynda onuň many mazmuny boýunçä adammlaryň arasynda bir-biri bilen iş, okuw esasynda özara täsiriň we kabul edişiň ýüze çykyş häsiýetinde ähmiýeti örän uludyr.

Adamlaryň bir-biri bilen gatnaşygy, özara täsiri, kabul edişleri durmuşy-psihiologiýada uly ähmiýetli mesele hökmünde öwrenilýändigini bilýäris.
Mälim bolşuna görä, adamlaryň bir-birini tabşyryk edişi, özara täsiri aragatnaşygyň dürli ýagdaýlarynda, ýagny düşünşmek bu ýerde dürli many mazmun esasynda ýüze çykyp biler.

Şeýlelikde, durmuşy-psihiologik täsiriň partnýoryň-kursantyň maksatlaryna, motiwlerine, görkezmelerine düşünmek ýa-da diňe bir düşüňmek däl-de ýokarda aýdylan ýagdaýlaryň özara kabul edilşini, täsir ediş häsiýetini doly kabul etmek, ýa-da ony ret etmek, ykrar etmek. Bu aýdylanlar "hereketleri "ylalyşdyrmak däl-de, eýsem dostlukly ýagdaýda (halaşmak, gowy görmek, ssöýgi ýaly duýgularda) ýüze ýüze çykýan adamlaryň bir-birine göwün bermek, golaýlyk ýaly aýratyn gatnaşyklary döretmäge mümkinçilik berýär.

Bu ýagdaýlarda adamyň özara düşünşmekligi birek-biregi kabul edişi we täsiri esasan 2 ugurda bolýar:

Birinjiden, özara derňemek ýagdaýda birek -birege kabul edişi ýagdaýynda;

Ikinjiden, özara gatnaşyk birek- birege täsiri we aragatnaşygy derňemek esasynda bolup geçýär, ýöne iki ýagdaýda-da adamyň bir- birini nähilli kabul edýändigi, özara täsiri esasy ähmiete eýe bolup, adamyň bir- birine bolan hakyky kabul ediş ýagdaýy we täsiri ýüze çykýar. Adamyň aragatnaşyk , özara täsir we kabul edişi ýagdaýlary babatynda köp sanly ylmy-amaly derňewlerdir barlaglar geçirip, ( söhbetdeşlik, yrylmak ýoňlamak, ynandyrmak, dialog we ş.m.) bu ýagdaýlary öwrenen rus alymlary ençeme ylmy işleri, ylmy gollanmalary ýazypdyrlar – Bodalew A., Wygotskiý L., Leontew A.H., Petrowskaýa L.A., G.Andreýewa we beýlekiler.

Umuman adamyň aragatnaşyk ýagdaýynda özara düşünişmek ýagdaýlary, olaryň daşky häsiýetleriniň üsti bilen ýüze çykýar, ýagny beýleki adamyň aragatnaşykda amala aşyrýan her bir hereketiniň manysy öwrenilýär, okalýar hem-de onuň umumy daşky sypatynyň mazmuny aýdyňlaşdyrylýar. Bu ýagdaýda döreýän täsir aragatnaşykda möhüm dolandyryjy ähmiete eýedir. Bu bolsa birinjiden beýleki adamlara syn etmek arkaly özüniň hem aýratynlygna, özüni barşyna baha bermäge mümkinçilik döredýär. Ikinjiden aragatnaşykda olary anyk "tanamak" onuň bilen sarlaşykly hereketleri guramaga mümkinçilik berýär.

Şeýlelikde, aragatnaşyk özara düşünüşmeklik ýagdaýy diňe bir beýleki adamy doly öwrenmäge, tanyşmaga mümkinçilik bermän, öz-özüňi we beýleki adamlara täsiriňi içgin öwrenmäge hem mümkinçilik berýär.

## Bap VII. “Ýoňlama” - täsir ediş usul hökmünde

Sosial-psihologik meseleleriň derňewlerinde esasy ulanylýan usullarydyr, täsirleri, aragatnaşyk ýagdaýynyň 3 sany özboluşly öwreniliş usuly bardyr. Olaryň her birinde adamlaryň bir-birine täsir ediş usullarny jemleyändigini görmek mümkindir. Emma aragatnaşygyň hökmany yagdaýda haýsy-da bolsa bir işiň dowamynda bolup gecyänligi, ol isiň bolsa her bir toparda alnyp barylýandygy sebäpli adamlaryň bir-birine täsir ediş usullaryny esasy döredijiler güýjü şol işi alyp barýan adamlaryň toparlaýyn işýagdaýy bolup durýar.

Täsir ediş ähli psihologik mehanizmleri şol edilýän iş arkaly aralaşdyrylandyr. Täsir ediş usullarny diňe derňemek maksat üçin hemm-de täsir usullarny öwrenmek üçin edilýän işiň many mazmuny aýry - aýralykda hem-de dolulylygyna öwrenmek bolýar. Hakykatda-da adamlaryň arasyndaky gatnaşyklar birek- birege belgiler üsti bilen täsir etmek ýagdaýynda amala aşyrylýar. Emma mazmun tarapdan iişiň özboluşly häsetnamalary ýüze çykýar.

Eger-de täsir edişiň maksady aragatnaşygyň esasynda partnýoryň özara bolsa we işini üýtgetmek bolsa, onda bu üýtgeşen ugry olaryň billelikdäki işleri, onuň maksadyny öwrenmek bilen kesgitlenýär. Belleýşimize görä, aragatnaşyk köp görnüşlidir. Kä halatlarda aragatnaşyga bolan isleg tötälik ýagdaýda döräp, edilýän iş bilen baglylygy bolmadyk, toparlarda hem ýüze çykýar.

Bu ýerde aragataşygy ýagdaýynda täsir edişiň usullaryň 2 taraplaýyn (“diada”) ýa-da kiçi toparda däl-de, aragataşygyň sözüň doly manysynda toparda bolman, belli bir sebäbe görä gysga wagytlaýyn nätanyşlyk ýagdaýnda ýüze çykyp biler. Adamlaryň arasynda uzak wagytlaýyn aragataşygyň ýoklugy, aragatnaşygyň bu ýagdaýda olaryň iş-

durmuş ähmiýetliligini aňladýar. Sosial psihologiyada adatça bu ýagdaýda täsir edişiň asakdaky usullary ýüze çykarylylýar:

* ýoňlama
* yrmak
* ynandyrmak
* öýkenmek
* sýužetli-rolly hereketler
* söhbetdeşlik
* psihodrama
* sorag-jogap

Köplenç şeýle özboluşly aýratyn häsiýetli hadysa bolan ýoňlamak köp gabat gelýär. Sosial-psihologik täsir etmekligiň we onuň usullarynyň ylmy nukdaydan öwreniş taglymatlary iň bir ýaş (täze) sosial-psihologik meseleleriň biri hökmünde; olaryň öwrenilşi we derňelişi XX asyryň ahyryna degişli bolup, bu mesele boýunça Amerikan we rus psihaloglary tarapyndan köp işler alnyp barylýar.

Sosial-psihologik täsir etmekligiň esasy aragatnaşyk ýagdaýynda bireg-biregi kabul etmekde, ozara gatnaşyklarda (Iki-bir, toparlaýyn üýşmeleň).

Adamlaryň bir-birine gatnaşyklarynda, özara täsirlerinde ýüze çykýan hem-de belli bir häsýete eýe bolýar. Ýöne filologiýa ylymynda aragatnaşygyň we birek-biregi kabul edişiň ýagdaýynda "kollektiwe laýyk däl" özara boluş ýagdaýlarynda hem täsir edişiň dürli usullary ullanylýar.

Täsir edişiň ähli usulynyň filologik mehanizmleri özara gatnaşykda belli bir maksadalaýyk işiň dowamynda we ondan üzňe hem öwrenilýär.

Hakykatda aragatnaşyk esasynda adamlar bir-birine belgiler üsti bilen täsir edmek şeýle-de emosiýalaryň we kabul edişiň ýagdaýynda ýüze çykýar.

Diýmek, sosial filologiýa-da adatça täsir edişiň şu aşakdaky usullary öwrenilip, olary sosial-psihik ähmeti, ullanylyş düzgünleri ylmy nukdaýdan öwrenilendir. Bu

usullaryň esasylary hökmünde “ýoňlama”, “ynandyrma”, “öýkünme”,”yrma”, psihodrama”, ”dialog”,” söhbetdeşlik” we beýlekiler ylmy taýdan-da, durmuşy ähmietlik taýdan öwrenilendir we belli netijeler ýüze çykarylandyr. Meselem; bu usullaryň öwrenilşi ilkinji gezek öýkünme esasynda amala aşyrylypdy. Şonuň üçin sosial filologiýa synag derňewleriniň özleşdirilişi psiholologlaryň esasy üns merkezinde durýar. Sosial psihologik täsir ediş usullarynda has köp ullanylýan usullynyň bardygyny bellemek gerek. Olar ýoňlamak, yrylmak.Bu babatda häzirki zaman jemgyýetinde ýoňlama adamzat taryhynyň başlangyç döwürlere seredende, örän pes rol oýnaýar dien pikir bar. Jemgyýetiň ösüş derejesi näçe ýokary bolsa adamlaryň özara boluş bir- birine täsiri biygtyýar ýagdaýda ol ýa-da beýleki hereketlere, duýgulara çekýän güýçlere bolan garaýyş. Şonuň bilen baglanşykly, ýonlamanyň, yrylmanyň täsir ediş güýjüni derejeleri ýüze cykýar.

Günbatar sosial fiologiýada dörän däbe görä, usullaryň jemgyýete garşy we oňa peýdaly, ýaraňly, guramaçylykly özara täsir şertleriniň öwrenmeklik teklip edilýär. Bu ýerde dürli tebigy hadysalar üýşmeleňler we ş.m. Emma kä halatda özara boluşynyň köpçülikleýin aňladylýan sosial hereketiniň anlatmalaryny-da öwrenmeklik goz öňünde tutulyar. Musal; kopçülikleyin käbir garaşylmadyk ýagdaýlarda, kynçylykly ýahdaýlarda ozara boluş häsetine görkezmek bolýar.

Şeýlelikde, sosial - psihik täsir edişiniň meseleleri öwrenilende esasy bezipäniň biri geçirilen ylmy barlaglary we derňewleri belli bir düzüme we netijä gelmek esasynda beýan etmek maslahat berilýär.

2. Sosilal -psihik täsir ediş usuly hökmunde ullanylan yrmak, yrylmak- maksada gönukdirlen, delillendirilmedik, esaslandyrylmadyk häsetde bir adam beýlekä ýa-da tutum topara edýän täsiridir. Bu usulynyn esasynda maglumatlar hiç bir hilli taňkytsyz kabul edilmegine nietlenilip bir adamdan beýlekä geçirilýär.

Köplenç ýagdaýda adamdan adama geçirilýan ähli maglumatlary aýratyn - baglaýjynyň ornunyň işjeňlik derejesine laýyklykda tapawutlandyryp, onda habar bermek, yadyrmak ,we yrmak ýaly görüşleri ýüze çykarylýar. Yrmak ýagdaýda adam maglumaty tannkydy bahalandyrmaga ukypsyz hasaplaýar. Dürli ýagdaýda we dürli toparlarda maglumatlary tankytsyz kabul etmek, olary özgerleşdirmäge ýardam etmek derejesi dürli -dürlidir.

Yrmak usuly sosial-psihologik ähmiýetli ýagdaýda adama çuňňur özbaşdaklyga eýe bolmak duýgusyny supestiýa-şonuň üçin ol aýratyn usul hökmünde sosial supestiýa garamak mümkinçiligine eýedir. Başgaça sosial beýleki bölümlerinde bu usul öwrenilende ullanylyan taşymatlar saklanylýar; yrmaklygy amala aşyrýan adam “supestro“diýlip atlandyrylýar. yrmagyklygyň obekti bolup duran adama ýagny yrymyna-superend diýilýär. Yrmaklyga jogap berýan täsire kontrsupestiýa diýýär.

Bu barada ilkinji bolup W.M.Behterew “wermak we onuň jemgietçilik durmuşyndaky roly” işinde mesele hökmünde garamaýar (1903ý). Yrmaklygyň täsir edişiniň özboluşly serişdesi hökmündäki analiz edende, öwrenilende onuň ýoňlama, bilen baglanyşygy hakyndaky mesele ýüze çykýar. Bu meselede doly çözgütler ýokdyr.

W. D. Korinew yrmaklygy öýkünmek bilen bir hatarda ýokançlaşmanyň, ýoňlamanyň bir görnüşi hasaplapdyr. Onuň tersine W.D Georygin yrmaklygy ýokançdan tapawutlydyr;

Ýoňlamada uly adamlar köpçüligne umumy psihiki ýagdaýy, syzmaklyk, duýmaklyk mahsus bolup, yrmakada bir menzil duygulary “deňlik” bolmaýar.

Yrmaklyk täsir edişiň özboluşly serişdesi hökmünde analiz edilende onuň ýokançlanmak bilen baglanşygy hakyndaky mesele ýüze çykýar. Sowet edebiýatynda bu meseläniň doly çözlüşi ýokdur. B.D. Porşkew yrmaklygy öýkünmek bilen bir hatarda ýokançlanmagyň bir görnüşi

hasaplaýardy. B.D. Parygin bolsa, tersine, yrmaklygy ýokançlanmakdan tapawutlandyrýar. Bu tapawutlylyk şu aşakdakylara syrykdyrylýar: 1) ýokançlanmakda uly adamalar köpçüligine umumy psihiki ýagdaýy sazlamaklyk mahsus bolup, yrmanda birmeş duýgülary syzmakda şeýle "deňlik" göz öňünde tutulmaýar: suggestor bu ýerde suggerendiň yzýan ýagdaýyna sezewar edilmeýär. Yrmak prosesi birtaraplaýyn gönükdirlen bolup, ol toparyň ýagdaýynyň özakymlaýyn üýtgemesi dälde-de, şahsylaşdyrlan häsiýetde bir adamyň beýlekä, ýa-da topara aktiw täsir etmesidir; 2) Yrmak adatça werbal häsiýetde bolup, ýokançlanmada bolsa söz üsti täsirden başga-da birnäçe serişdeler (ýüzlenme, ritmler we ş.m.) ulanylýar. Başga bir tarapdan yrmak ynandyrmakdan tapawutlanýar. W.M. Behterew öz döwründe yrmaklygyň subutnamasynyň we logikasyz gös-göni belli bir psihiki ýagdaý döredip bilýändigini görkezdi. Tersine, ynandyrmak logiki esaslandyrmak arkaly informasiýany kabul edýän adamyň razyçylygyny gazanmak bolup durýar. Yrmakda ylalaşyk däl-de, taýýar netije esaslanýan informasiýany kabul etmek gazanylýar; Ynandyrmakda bolsa netijä gelmek informasiýany kabul ediji toparyndan özbaşdak amala aşyrylmaly bolýar. Şonuň üçin ynandyrma esasan intellektual, yrmak bolsa-esasan emosional-erk tezisi bolup durýar.

Hut şonuň üçin yrmaklygy öwrenmekde onuň haýsy ýagdaýda we haýsy şertlerde netijeliliginiň ýokarlanýandygy dogrusynda birnäçe kanunalaýyklar anyklandy. Eger-de medesina praktikasy göz öňünde tutulman, durmuşy suggestiýa nazara alynýan bolsa, onda yrmaklygyň netijeliliginiň ýaşa baglylygy subut edildi: umuman ululara garaňda çagalaryň yrmaklyga tabynlygy has ýokarydyr. Edil şunuň ýaly-da ýadaw, fiziki gowşan adamlar özüni duýuşy oňat adamlardan çalt yrylýarlar. Iň esasy bellemeli zat – yrmaklykda durmuşy psihologik faktorlaryň gatnaşýandygydyr. Köp sanly eksperimental derňewlerde yrmaklygyň esasy şertleriniň biri

suggestoryň awtoriteti bolup duryandygy, onuň informasiýanyň çeşmesine bolan ynam okmünde täsir edişe goşmaça faktor döredýändigi anyklandy. Şeýle "ynanç effekti" suggestoryň şahsyýetine, hen-de onuň degişli bolan durmuşy toparyna degişlilikde döreýär. Suggestoryň awtoriteti iki ýagdaýda hem özboluşly "gapdallaýyn delillendiriş" funksiýasyny ýerine ýetirip, gös-göni delillendirmäniň ýoklugynyň öwezini dolýar. Bu yrmaklygyň özboluşly sunagydyr.

Ähli ýokançlanmada bolşy ýaly yrmakda hem netije suggerendiň şahsyýetiniň häsiýetnamasyna bagly bolýar. Kontrsuggestiýa hadysasy aýry-aýry şahsyýetiň yrmaklyga göerkezýän garşylygynyň derejesini görkezýär. Durmuşy suggestiýanyň praktikasynda bu "psihiki öz-özüňi goranyşy" belli bir derejede togtadýan usullar işlenilip düzülendir. Bu serişdeleriň toplumyny B.D. Porşnew konstrsuggestiýa diýilip atlandyrylmagy teklip etdi. Edil logikada ýlaňýşlar taglymaty ret etmekligi hem-de ret etmeklikden goranmak üçin ulanylşy ýaly durmuşy suggestiýasy taglymatynda hem kontrsuggestiýa hadysasy hem bir tarapdan şhsyýeti suggestiw täsirden "goramak" üçin ulanylsa, ikinji tarapdan, bu goranyşy ret etmeklikde ulanylýar. Meselem, eger kontrsuggestiýanyň serişdesi hökmünde ulanylmaklyk hyzmat edýän bolsa, bu ýagdaşmaça informasiýa goşup bu ynamsyzlygy ýoga çykaryp bolar; bu ýerde serişdeler toplumyny kontrsuggestiýa üpjün edýär. Elbetde, bu ýagdaýda şahsyýet öz gezeginde birnäçe goşmaça goranyş çärelerini öňe sürmegi mümkin; ýöne şu günki güne çenli bu ugurdaky derňewler kontrsuggestiýanyň birinji "gatlagyndan" aňry geçenok.

Teoretiki jähtde suggestiýa hadysasy durmuşy kabul edişiň problemalary bilen baglanyşykykda, hem-de toparyň jebisliligini döretmegiň kontekstinde öwrenilýär. Aragatnaşygyň adamlaryň bir-birini aňlamaklygy prosesi hökmünde öwrenilişi şeýle akyl ýetirlişiň gurluşugynda kabul edişden öňki döredilen (ýa-da kemala gelen) durmuşy

ustanowkanyň seredýän kontekstimizde yrmaklygyň faktorlary hökmünde seretmek mümkin. Şeýle aspektde derňelende yrmaklyk özüniň beýan edijilik häsiýertini bes edip, eksperimental derňew esasa geçýär. Suggestiýa hadysasynyň indiwidleriň konformenty bilen, munuň bilen baglanyşykda toparyň jebisliligi bilen baglanşygy hakynda aýdylanda bolsa, bu meseläniň ýörite seredilişi aşakda beriljekdir.

Amaly planda yrmaklygyň derňewi propoganda hem-de reklama oblastlary üçin uly ähmiýetlidir. Propogandistik täsir edişiň serişdeleri sisTemasynda, propogandanyň görnüşi, maksady we mazmunyna laýyklykda yrmaklygyň roly dürli— dürlidir. Biziň propogandamyzyň esasy ähmiýeti logika we oňa daýanmaklyk bolup duryanlygy, we bu ýerde esasan ynandyrma serişdeleri ulanylýanlygy sebäpli yrmaklygy iňňän çäkli rol berilýär. Ýöne bu ýerde hem yrmaklygyň orny bardyr. Günbataryň propogandasynda yrmaklyga uly orun berilýär. Bu ýerde durmuşy suggestiýanyň eksperemental derňewiniň esasy bölegi propogandistik täsir edişiň problemalary bilen baglydyr. Yrmaklyk metody bu ýerde auditoriýany psihoprogrammirlemekligiň özboluşly metody, ýagny şahsyýete manipulýatiw täsir etmek metodyna girýär.

Bu usulyň has aýdyň ulanylýan gurşawy reklamadyr-mahabat. Bu ýerde "imedžiň" aýratyn taglymaty işlenilip döredilendir. "Imedž" adalgasy bu ýerde sözme-söz manysynda däl-de, ýörite manysynda ulanylýar. Imedž mahabatda ulanylýan suggestiýanyň mehanizminde zweno hökmünde ýüze çykýar. Imedž bu kabul edilýän predmetiň özboluşly "obrazy" bolup, onda kabul edişiň rakursy bilgeşleýin üýtgedilip, obýektiň diňe belli bir taraplaryna üns berilýär. Şonuň esasynda obýektiň ýa-da hadysanyň illýuzor şöhlelendirrilmesi gazanylýar. Imedžde obrazyň reňkiniň goýulaşdyrylýandygy we şonuň esasynda yrmaklyk funksiýasyny ýerine ýetirýänligi sebäpli imej bilen real obýektiň arasynda "ähtibarlyk boşlugy" ýatýar. Imedž

emosional salgylanmalaryň hasabyna guralyp, reklama syngatynyň esasy wezipesi imejiň suggestiw taraplarynyň psihologik täsirini üpjün etmekden ybaratdyr.

Häzirki döwürde ulanylýan durmuşy suggestiw täsirleriň ählisi elmydam negatiw häsiýetli diýmek bolmaz. Adamlaryň bir-birine edýän täsirleriniň ähli usullaryny yrmaklygy syrykdyrmak hem nädogrydyr. Bu aýratyn hem biziň jemgiýetimize degişlilikde ýerliksizdir. Çünki bu ýerde esasy myksat şahsyýeti monipulirlemek däl-de, terbiýelemek bolup durýar. Terbiýäniň mazmun tarapy jemgiýetde agalyk edýän ideologiýa, jemgiýetiň normalary we gymmatlyklary bilen kesgitlenýär. Täsir edişiň mehanizmleriniň psihologik üpjümçiligi bu mazmun tarapy nazara almaly bolýar. Şonuň üçin esasy wezipe täsir edişiň amatly metodlaryny we serişdelerini saýlap almak bolup durýar. Bu metodlaryň arasynda informasiýanyň aňly kabul edilşini üpjün edýän ynandyrma metody bolup durýar. Ýöne kömekçi serişde hökmünde, terbiýeçilik prosesiniň aýratyn ýagdaýlrynda, suggestiw täsir edişiň usullary-da ulanylyp bilner. Bu elementleri täsir edişe goşmak mümkinçiligi yrmak problemalarynyň durmuşy psihologiýanyň çäginde çözlüş derejesine bagly bolýar. Ýokançlanma hadysasyna seredende bu problemanyň eksperimental öwrenilşi has elýeter bolup durýar. Şonuň üçin bu meselä elujy seretmän, ony häzirki zaman durmuşy psihologiýasynyň arsenalyna goşmak zerurdyr.

**Öýkünme.** Öýkünme hem esasan kollektiwe laýyk şertlerde amala aşyrylýan adamlaryň bir-birine täsir ediş usullaryň birine degişlidir. Ýöne öýkünme diňe bir kollektiwe laýyk däl şertlerde däl-de, onuň ähmiýeti işiň ýörite görnüşlerine degişlilikde toparlarda hem uludyr. Öýkünme ýokarda seredilen ýokançlanma we yrmak hadysalar bilen birnäçe umumy häsiýetleri bolup, ýöne onuň özboluşlylygy- bu ýerde diňe bir beýleki adamyň özüni alyp barşynyň ýa---da köpçülikleýin psihiki ýagdaýynyň häsiýetleri kabul edilmän,

eýsem indiwidual demonstrirlenýän özüni alyp barşyň nusgalaryny gaýtadan dikeldýär. Durmuşy psihologiýanyň tarapynda öýkünmä uly orun berlipdir. Öň bellenilşi ýaly öýkünmäniň jemgiýetdäki roly G.Tardyň “öýkünme taglymatynda” häsiýetlendirlipdi. Umumy häsiýetde bu taglymatyň mazmuny aşakdakylardan ybaratdyr: jemgiýetiň ösüşiniň we ýaşaýşynyň fundamental prinsipi hökmünde öýkünme hyzmat edýär. Hut öýkünmäniň netijesinde toparlaýyn normalar we gymmatlyklar döreýär.Öýkünme has umumy “gaýtalanmanyň dünýä kanunynyň“ bölekleýin ýagdaýy bolup durýar. Eger-de haýwanat dünýäsinde bu kanun nesle geçijiligiň üsti bilen amala aşyrylýan bolsa, adamzat jemgiýetinde ol öýkünme üsti bilen amala aşyrylýar. Ol progresiň çeşmesi bolup durýar: jemgiýetde yzygiderli açyşlar, oýlap tapyşlar amala aşyrlypdyr, köpçülik bolsa oňa öýkünýär. Bu açyşlar we oýlap tapyşlar soňra jemgiýetiň gurluşyna goşulyp ýene-de öýkünme arkaly özleşdirilýär. Öýkünme haçanda “biriniň beýnisiniň duýgur plastinkasy arkaly beýlekisiniň beýnisiniň klişesini gätadan dikeldýän ýagdaýynda biygtyýar “gipnotizmiň görnüşi” hökmünde seredilip bilner.

Jemgiýetde bolup geçýän durmuşy konfliktler öýkünmäniň dürli ugrukmalrnyň arasynda gapma-garşylyklar bilen düşündirilýär. Şonuň üçin bu konfliktleriň tebigaty indiwidual aňyň konfliktleriniň tebigatyna meňzeşdir: bu ýerde hem edil adamyň özüni alyp barşyň täze nusgasyny saýlaýan pursatyndaky ikrjeňlenişi ýaly ýgdaý bolup geçýär. Öýkünmäniň birnäçe görnüşleri bardyr: logiki, logiki däl, içki we daşky, öýkünme-ýoň we öýkünme däl, bir durmuşy synpyň içindäki öýkünme we bir synpyň beýlekä öýkünmegi. Öýkünmäniň şeýle dürli görnüşlerini analizlemek, öýkünmäniň kanunlaryny kesgitlemäge mümkinçilik berdi. Bu kanunlaryň arasynda: öýkünmäniň içden daşa amala aşyrylýandygy (ýagny içki nusgalar daşkylara garanda öýkünmäni öň we çalt döredýär: diniň ruhuna onuň kada-däplerinden öň öýkünýärler);

aşakdakylar (durmuşy basgançakdaky orny boýunça) ýokarkylara öýkünýärler (gyrak-çetler-merkeze, dworýanlar-korolyň howlusyna) we ş.m.

Bu konsepsiýanyň jemgiýetde öýkünmäniň roluna has artykmaç ähmiýet berýänligi mese-mälimdir; umumy metodologik planda bu çemeleşiş jemgiýetçilik gatnaşyklarynyň tebigatyna idealistik düşünmekligiň iň bir ýaýran wariantydyr. Şeýle çemeleşişde ähli jemgiýetçilik problemalary haýsydyr bir psihologik mehazmiň täsiri pujaýyndan seredilmeýär. E. Dýurkgeýmiň adalatly belleýşi ýaly, bu çemelleşmede iňňän dürli-düli jemgiýetçilik hadysalary bir üýşmäge üşürilýär. Emma hakykatda bolsa çganyň ululara öýkünmegi, mysal üçin, jemgiýetde synplaryň özara gatnaşyklardan düýpgöter başga kanunlar arkaly amala aşyrlýar. Tardyň teklip eden ýönekeý sosiolgik shemasy we göz öňünde tutanymazda hem, sap psihologik planda bu model 166/167 meseläni obsolýutlaşdyrýanlygy üçin kän bir zat berilmeýär. Tardyň konsepsiýsynda taryhy prosesiň gezekleşdirlişini öz wagtynda G.W. Plehanow açyp görkezip öýkünmäni adamzat jemgiýetiniň taryhyndaky rolunyň otnositeldigni belläpdi.

Öýkünme - taglymatynyň absolýutlaşdyrlyşyny nazara almasak, Tardyň teklip edýän analizinde bir näçe peýdaly synlamalary ýüze çykarmak mümkin. Emma bu günki günde bu synlamalry däl-de, eksperemental derňewleri saldymly praktikasy psihologik täsiriň bu özboluşly serişdesiniň hakyky häsiýetnamasyny kesgitlemäge mümkinçilik berilýär. Öýkünme, dogrudanda çaganyň ösüşinde ägirt uly rol öýnaýar. Şonuň üçin hut çagalar psihologiýasynda häsirki döwürde öýkünmäni öwrenmegiň giňişleýin eksperemental derňewleri geçirilýär. Bu hadysanyň aragatnaşyk problemasy kontenentinde seredilmegi onuň derňewlerni durmuşy-psihologik gyzyklanma döredýär.

Öýkünmäniň çagalykda öýnaýan roly bu hadysanyň ulularyň durmuşyndakydan tapawutlydyr. Hatda çaganyň durmuşynda hem öýkünme onuň hakykaty özleşdirlişiniň belli bir etapda esasy formasy bolup durýan-da, dürli stadiýalary ýüze çykarmak mümkin: ululylaryň ozüni alyp baryş nusgalaryna köre-körlük bilen öýkünmekden başlap tä esaslandyrylýan öýkünmä çenli stadaiýalar. Soňky ýagdaýda öýkünmekligiň "modeli" onuň ulalardaky geçiş prosesine meňzeşdir. Bu ýerde öýkünme dünýäni özleşdirmegiň goşmaça usuly bolup durýar: haýsydyr bir nusgasynyň täsiri bu ýerde hem bar bolsa-da, bu täsir diňe özüni alyp barşyň daşky sypatyna degişli bolup, proses adamyň düýpli şahsy häsiýetnamalaryna täsir etmeýär (meselem, şahsyýetiň gönükdirmesini üýtgedip bilmeýär). Uly adamlarda öýkünme nätanyş hereketi özleşdirmegiň başga usullaryny ulanmak mümkinçiligi ýok wagtynda ulanýar. Şeýle görnüşde öýkünme endigi özleşdirmegiň, kähalatlarda ýönekeý proorssional hereketi özleşdirmegiň elementi hökmünde gatnaşýar.

Bu ýagdaýlaryň ählisinde öýkünme "sap" görnüşde berilmeýär: okatmagyň, öwretmegiň islendik prosesinde aýgytlaýjy roly bilimleriň berliş usuly oýnaýar. Şonuň üçin öýkýnmäniň mehanizmi ulularda has çylşyrymlydyr. (bu häsiýetnama ýokançlanmanyň we yrmagyň mehanizmlerne degişlilikde hem şeýledir). Her bir ýagdaýda görkezilen usullar arkaly täsir etmek belli bir derejede şahsyýetiň tankydy garaýşyna gabat gelýär. Täsir ediş problemasy umuman bir taraplaýyn görkezilen proses hökmünde seredilip bilinmez: mydama şahsyýetden oňa edilýän täsire tarap yza dolanýan täsir bolýar. Bu zatlaryň toparda ähmiýeti has-da uludyr. Öýkünme bu babatda ýokançlanmaga we yrmaga seredeňde toparlaýyn kontinentde has goşulan bolýar. Gürrün teklip özüňi alyp baryş nusgalarny özleşdirmek barada bolan soň öýkünmäniň mydama iki plany bolýar: konkret haýsy-da bolsa bir adama ýa-da toparyň döreden özüňi alyp barşyň normasyna

öýkünmek. Soňky ýagdaýda öýkünmek problemasy konforomizm problemasy, ýagny, toparyň indiwidual öz täsirine tabyn etmek problemasy bilen baglanşylýar. Bu problema haçanda toparyň beýleki durmuşy psihologik problemalary bilen çuňňur tanyşylandan soňra giňişleýin öwrenilip bilner.

Seredilen täsir ediş usullarnyň ählisi kollektiwe laýyk däl-de, özakymlaýyn hem-de bilelikdäki toparlaýyn işiň ýagdaýlaryna seredilip bilner. Edil aragatnaşygyň real durmuşy toparsyz öwrenilip bilinmeýşi ýaly täsir ediş usullarynda dine durmuşy toparlaryň özboluşlygy nazara alynýan ýagdaýynda göwnejaý öwrenilip bilinýär.

Aragatnaşygyň çylşyrymly, köp taraplaýyn proses hökmündäki analizi onuň formalarnyň dürli-dürli bolýandygny görkezýär. Aragatnaşygyň "sap" nusgalarny (modelini) elbetde, laboratoriýa eksperementi, aýratynda iki adamyň aragatnasşygy ýaly ýönekeý ýagdaýlarda ýüze çykarmak mümkin. Şeýle derňewleriň belli bi ähmiýeti şübhesiz bolsada, olaryň çäkliligi-de gürrüňsizdir. Olar diňe bu prosesiň geçiş "mehazmini", ýagny onuň geçiriliş formasyny ýüze çykarýar. Bütin adaty durmuşy psihologiýa meseläniň hut şu aspektine üns berildi. Onuň metodiki usullary, analizi tehniki serişdeleri şu maksada tabyn edildi. Şol bir wagtyň özunde aragatnaşygyň mazmun tarapy derňewiň çäginden daşda galýardy. Haýsy "materialyň" ulanylýandygna baglylykda "mehanizm" başgaça işleýär. Aragatnaşygyň amala aşyrylýan toparlarnyň görnüşlerniň köp dürliligi bu hadysanyň şol bir formal häsiýetnamalaryň düýpgöter başga mazmuna eýe bolmagna getirýär. Mundan hem başga öň agzalyp aragatnaşygyň iki plany her bir aýratyn ýagdaýda özboluşly baglanyşýar. Şahsyýetiň bu proseslere nähili goşulýandygy, onuň bu proseslere nähili goşulýandygy, bellemek üçin aragatnaşygyň proseslerniň dürli toparlarda nähili konkret ýüze çykýandygyny, ýagny dürli mazmunly işlerdäki häsiýetnamasyny anyklamaly bolýar.

## Bap VIII. Sosial derňewiň we psihologik täsir ediş psihologiýasynyň iş tutumy barada

Geçen baplarda belleýşimiz ýaly, sosial-psihologik täsir ediş usullaryny özboluşly ýöriteleşdirilen esasanda täsir ediş usullaryny we olaryň ulanyşynyň möhüm wezipeleri barada belläp geçipdik.Hakykatda adamzat durmuşynyň, ýaşaýşynyň dürli talaplary ýüze çykýan çylşyrymly çözmesi kynrak, durmuş, ýaşaýyş meseleleri irki wagtan bäri alymlary gyzyklandyrypdyr we dürli ylmy esaslarda öwrenilipdir. Belli bir garaşsyzlar, çaklamalar, hasapýeber we dürli kesgitlemelerdir, taglymatlar ýüze çykypdyr. Emma bularyň ählisi töwerekleýin filosofik nukdaýdan taryhy jemgyýetçilik jähtden bolupdyr. Emma şol derňewleriň şol ylymlaryň, akymynda adam aňynyň içki dünýäsiniň, daş-töwerege bolan garaýşynyň täsirleri, kabul edişiň we oňa gaýtawul berilşiniň ýüze çykmalary, barada hem düşünjeler bolupdyr. Bu düşünjeler adamyň aňynyň ösüş, jemgyyetiň ösüşine laýyklykda zähmet işiniň ösüşinde adamlaryň biri-biri bilen gatnaşygy, özara täsirleri ýaly esasan meseleler özüniň ýörite öwrenilmesini, derňemesini talap edýär. Psihologiýa ylmynyň esasy şahalarynyň biri sosial psihologiýa. Bu meseläni öwrenmekde ýörite ylmy barlaglary – amaly tejribeleri geçirmek bilen ýokarda agzalan meseleleriň esasy hasaplanylýan meselelerini, olaryň aýratynlyklaryny öwrenmäge degişli bolan ýörite usullarydyr, täsirleri işläp bilýär. Bu meseläniň ýüze çykmagy, esasan hem tehnikanyň ösmegi we çylşyrymlylygy adamlaryň aňynyň ösüşiniň has ýokary bolmagy we birek-biregi bilen özara gatnaşygy netijede ýüze çykýar.

Biziň öwrenýän ýörite kursumyz şol agzalan özara täsirleriň, gatnaşyklaryň psihologik häsiýetlerini öwrenmäge degişli bolan usullar bilen iş salynýar.

Bu ýerde kursuň esasy ähmiýeti we onuň usullary ulanyş ýagdaýy engels rus we ýewropa alymlarydyr, psihologlaryny, gyzyklandyrypdyr. Netijede ol alymlar psihologlar dürli sosial-psihologik tejribelik işlerini geçirmek, jemgyýetiň ösüş kadalaryna laýyklykda adamlaryň özüniň alypbarşy işe, zähmete, birek-birege ikibara, toparlaýyn aragatnaşyk, ýagdaýlarynyň sosial-psihologik häsiýetlerini aýratynlyklaryny öwrenmäge degişli dürli ylmy taglymatlardyr. Täsir edişe degişli boýunça usullary işläp düzdüler.

Elbetde, her dürli garaýyşlar dürli nazaryýetler ýüze çykypdyr. Biziň mysallarymyzda esasan geljekki "psiholog" hünärleriniň iş çygry olary geçiriji iş usullary barada olary durmuşuna geçirmekde iş ýüzünde ulanmakda ýüze çykýan käbir çylşyrymly meseleler baradadyr. Sebäbi sosial psiholog öz hünäriniň häsiýetine görä çylşyrymly adam → şahsyýetara gatnaşyklar → psihiki ýuze çykmalar → jedelli islegler bilen ýüzbe-ýüz bolýar hem-de adamlar degişli maslahat bermäge borçlanýar. Şonuň bilen birlikde-de adamyň özüniň alyp barşy esasynda haýsyda bolsa bir sosial-psihologik täsir ediş usullaryny peýdalanýar:

**Yrmak – aňlamak.**

